**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**J. Nepesowa**

# Pedagogik psihologiýa

**Ýokary okuw meksdepler üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**
**tarapyndan hödürlenildi**

**AŞGABAT- 2010**

**J. Nepesowa**

**Pedagogik psihologiýa.**Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.- A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 89 sah.

## Giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow döwlet başyna geçen gününden döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesile bilim-terbiýe bermeklik meselesine aýratyn üns berýär. 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-nde "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek" hakyndaky Karara gol çekilmegi bilim ulgamynda alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga esas döretdi. Häzirki döwürde dünýä ýüzünde bolup geçýän wakalar milletleriñ we halklaryñ özboluşly aýratynlyklaryny öwrenmeklige ünsi çekmek bilen, olaryñ pedagogik-psihologik aýratynlyklaryny ylmy esasda öwrenmek, psihiki aýratynlyklaryny, özlerini alyp baryşlaryny, beýleki halklara bolan gatnaşyklaryny öwrenmeklige gönükdirilendir. Pedagogik psihologiýasyny öwrenmegiñ diñe bir nazaryýet ähmiýeti bolman, onuñ şu günki gün amaly ähmiýeti bardyr. Sebäbi dünýä halklarynyñ arasyndaky ykdysady we medeni gatnaşyklaryñ kämilleşmegi, öndüriji güýçleriñ ösüp kemala gelmegi, sebitara, bütündünýä ähmiýete eýedir. Talyplar bilen okuw işlerinde olara ýaş aýratynlyklary, etnopsihologiýa bilen baglanyşykly alynyp barlan derñew işlerini içgin öwrenmäge mümkinçilik döredilýär.

Bu dersiñ ähmiýeti, ony öwrenmekligiñ wajyplygy esasan mugallymçylyk işiniñ psihologiýasy barada, okatmak we terbiýelemek meseleleriniñ çylşyrymly psihologik aýratynlyklarynyñ, usullarynyñ hem-de düzgünleriniñ häsiýetnamalary barada okuw-tebiýeçilik işiniñ bir bütewiligi hakynda, çagalaryñ, mekdep okuwçylarynyñ şahsyýetiniñ ösmegine, kämilleşgine täsir edýän terbiýe tutumlarynyñ ähmiýeti barada mugallymyñ psihologiýasy, pedagogik bahalandyryşyñ we täsiriñ

psihologiýasy barada, ylmy-amaly düşünjeleri özleşdirmäge uly ýardam edýär.

## 1-nji bap. PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝANYÑ DERSI WE WEZIPELERI

Islendik ylmyñ öz meseleleri, wezipeleri we usullary dogrusynda düşünje berýän taryhy bardyr. Ylmyñ ol ýa-da beýleki pudaklarynyñ döreýşi degişli jemgyýetçilik islegleri arkaly ugrukdyrylýar. Beýleki ylymlarda bolşy ýaly pedagogika we psihologiýa ilki filologiýanyñ mazmunynda bolup, ondan başda pedagogika, soñra bolsa psihologiya bölünýär. Biziñ her birimiz “pedagogika” sözüni mekdep, okadylyş bilen baglanyşdyrýarys. Mekdep barada ilkinji maglumatlar biziñ eramyzdan öñ 2,5 müñ ýyl ozalky döwre degişli gadymy müsür ýazgylarynda agzalýar. Bu maglumatlardan ugur alynsa okatmak entek ony guraýan adamlaryñ esasy däl-de, kömekçi hyzmaty bolupdyr. Ýöne bilim-düşünjeleriñ nesilden-nesle geçirilişi belli bir derejede üpjün edilipdir.

Okatmak we terbiýe adamzat jemgyýeti bilen bile döreýär. Ony gazanylan durmuş, önümçilik, ruhy tejribäni kemeltmän, belli bir nesilde bökdemän ösdürdi, dowamaty sepleşdirmek zerurlygy ýüze çykardy. Terbiýäni we okadylyşy adatça ýaşy gaýdyşan ýa-da tejribeli adamlar amala aşyryp, ony özleriniñ beýleki işleri bilen utgaşyklykda alyp barypdyr. Adamlaryñ toplan bilim-düşünjeleriniñ artmagy, maddy, ruhy önümçiligi üznüksiz ösdürmek zerurlygy bu tutumyñ işiñ özbaşdak görnüşine öwrülmegine getiripdir.

Pedagogika öz adyny Gadymy Gresiýada baý maşgalalarda çagalara berkidilen gullaryñ hyzmatyna laýyklykda alypdyr. Bu gullara ata-eneler öz çagalaryna mekdebe gatnanlarynda hem-de gezelenç edenlerinde gözegçilik etmegi tabşyrypdyrlar. Gullar "çaga ugradyjy", "peýda-çaga", "gogos"- alyp gitmek diýip atlandyrylypdyr. Soñ-soñlar bu adalga ösýän nesli okadylyşy we terbiýesi bilen baglanyşykly bolanlaryñ ählisine aýdylyp, täze döwürde bolsa ýörite ylmyñ adyna öwrülýär.

Pedagogikanyñ ylmyñ özbaşdak pudagyna öwrülişi F.Bekonyñ XVII asyryñ başynda "Ylymlaryñ mynasybeti we köpelişi hakynda" diýen işiniñ peýda bolmagy bilen baglanyşdyrylýar. Ol bu işinde ähli ylymlary görnüşlere bolüp, pedagogikany "okamaklyga gollanma" hökmünde görkezýär. Ýöne filosofiýadan bölünip aýrylmaklyk entek täze ylmyñ esaslandyryldygy däldi. Ylym hökmünde pedagogika belli çeh akyldary, mugallymy we ýazyjysy Ýa.A.Komekskiniñ ady belli 'Beýik didaktika" işiniñ esaslandyrylmagy bilen meşgur bolup ugraýar. Bu kitapda çagalary okatmagyñ nazarýetiniñ we amalýetiñ baş meseleleri esaslandyrylýar.

Ýa.A.Komekskiý ilkinji bolup ähliumumy okadylyş pikirini esaslandyryp, okadylyşyñ baglanyşykly derejeleriniñ ulgamyny döredýär. Bu ulgam enelik mekdebini (6-12 ýaş), gimnaziýany (12-18ýaş) we akademiýany (18-24ýaş) öz içine alýar. Öz amalýet işinde ol klas-sapak ulgamyny ornaşdyryp, ony nazarýet taýdan esaslandyrýar. Ýa.Komekskiý biziñ günlerimize gelip ýeten didaktikanyñ (okadylyşyñ nazarýetiniñ) esasy düzgünlerini döredýär: añly-düşünjelilik, aýdyñlyk, kem-kemlik, yzygiderlik, berklik we elýeterlik . Ol okuw kitabyna we mugallyma bildirilýän esasy talaplary esaslandyrýar.

Pedagogikanyñ täze eýýämde ylym hökmünde ösüşi şweýsar alymy I.T.Pestalossynyñ (1746-1827), nemes pedagogy A.Disterwegiñ işleri bilen baglanyşyklydyr. I.Pestalossi ösdüriji okadylyşyñ nazarýetini öñe sürýär. Onuñ pikirini dowam etdiriji A.Disterweg pedagogika, matematika, tebigaty öwreniş, nemes dili we beýlekiler boýunça birnäçe okuw kitaplaryny ýazýar.

XX asyrda meşhurlyk gazanan pedagog alymlaryñ biri-de amerikan alymy, çaga lukmany B.Spokdyr. Onuñ ilkinji orunda talap edijiligi ýa-da hoş gylawlylygy goýmaly mazmundaky goýan sowaly bütin dünýäde uly çekişme döredýär. Bu sowala berilýän jogaba laýyklykda pedagoglar iki topara bölünýär: a) terbiýäniñ ynsanperwerlik usullaryny ileri tutýanlar we b) erke tabyn etmekligi terbiýäniñ esasy usuly hasaplaýanlar. B.Spokyñ “Çaga we oña seretmek”, “Eneler bilen gürrüñ” kitaplary uly meşhurlyk gazandy. Olarda sagdyn çagany terbiýelemegiñ medisina jähtleri bilen bir hatarda täzeçil pedagogik nazaryýetler öñe sürülýär.

Orsýetde pedagogika ylmynyñ esaslandyryjylary K.D.Uşinskiý, N.I.Pirogow we L.N.Tolstoý hasaplanylýar. K.Uşinskiý orsýetde halk mekdebiniñ esasyny goýujydyr. Onuñ “Ene dili”, “Çaga dünýasi” kitaplary köp nesilleriñ okuw kitabyna öwrüldi.

Gündogaryñ beýik danalary Horezminiñ, Faraonyñ, Birunynyñ, Ibn-Sinanyñ, Omar-Haýýamyñ, beýik türkmen klassyk şahyrlary Magtymgulynyñ, Mollanepesiñ, Keminäniñ, Seýdiniñ we beýlekileriñ pedagogik pikirleriniñ ähliumumy adamzat gymmatlayklary we şol bir wagtyñ özünde halkymyzda milli ruhy terbiýelemekdäki ähmiýeti çäksizdir. Beýik Magtymgulynyñ kakasy Döwletmämmet Azadynyñ pedagogik nazarýeti ösdürmeklige gönükdirilen edebi

döredijilik işi bilen bir hatarda hakyky mugallymçylyk bilen meşgul bolandygy mälimdir

Türkmenistanyñ kolonial orsýetiñ we sowet imperiýasynyñ düzüminde bolan döwründe işlän Muhammetguly Atabaýew, Artykgül Tekinskaýa, H.Baýlyýew, M.Hamzaýew, P.Azymow, A.Mergenow, G.Sopyýew we beýlekileriñ pedagogika ylmyna we amalyýetine goşandy ýatlamaga mynasypdyr.

Türkmenistanda pedagogika ylmynyñ hakyky ylmy mazmunda we milli ruhda ösüşi ýurt Garaşsyzlygy berkar bolandan soñra , Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ işlerinde esaslandyryldy. Täze bilim syýasaty, onuñ "Sowat", "Bilim" maksatnamalary, Mukaddes Ruhnama bular halkymyzyñ ruhy medeniýetini, her bir raýatyñ buýsançly "menini" dikeltmegiñ we dünýä siwilizasiýanyñ ülñülerine laýyklylygyñ ajaýyp pedagogik nazaryýet nusgasydyr. "Kitap okan beýlede dursun, diñläp oturan hem bihal däldir" diýen ata-babalarymyzyñ pähimini nygtap, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: "Mukaddes, keramatly kitaplaryñ döremegi bilen adamzadyñ gara güýje sežde edýän zamanasy tamamlanyp, Söze-Paýhasa sarpa goýýan zamanasy başlandy. Bular adamzadyñ taryhyndaky iki sany äpet eýýämdir". (Ruhnama, 20 sah.).

Pedagogikanyñ dersini uzak wagtyñ dowamynda ýaş nesli terbiýelemek we okatmak, ony geljekki durmuşa taýýarlamak häsiýetde kesgitleýärdiler. Bu meseläni çendan daraldyp, pedagogikany jemgyýetiñ beýleki ýaş nesillerini üznüksiz bilim, terbiýe bilen üpjün etmek ýaly möhüm meselelerden sowýardy. Hut şonuñ üçin häzirki döwürde pedagogikanyñ dersi adamy ähli ýaş döwürlerinde terbiýelemek we okatmak häsiýetde kesgitlenýär. Pedagogikanyñ esasy

meselelerine şahsyýetiň ösüşiniň we kemala getirilişiniň mazmunyny we kanunalaýyklyklaryny öwrenmek, terbiýäniň maksatlaryny kesgitlemek, terbiýäniň mazmunyny işläp düzmek, terbiýäniň usullaryny derňemek degişlidir.

Pedagogikanyň ylym hökmünde esasy jemleýji düşünjesi şahsyýetiň häsiýetleriniň ulgamyny kesgitlemäge gönükdirilen iş mazmunda hereketlenýän terbiýedir. Terbiýe bilim beriş, okadylyş we terbiýelenýäniň iş-durmuşyny maksada laýyk guramak arkaly amala aşyrylýar. Terbiýe haçan-da öz-özüňi terbiýelemeklige sepleşende özüniň hakyky manysyny alýar.

Okatmak- jemgyýetçilik - taryhy tejribäni maksada gönükdirilen häsiýetde ösýän nesle geçirmek, bilim, başarnyk, endikleriň kemala getirilişini guramakdyr. Adatça okadylyşy mugallymyň sapak okatmagy manyda düşünýärler. Okadylyş bu diňe mugallymyň okaýana berýäni däldir. Okadylyş bu okaýanyň tutuş okuw jaýy, mugallymlar, okaýanlar bilen özara täsirinde alýanydyr.

Eýsem sapak okatmak okadylyşdan näme bilen tapawutlanýar? Sapak okadylyş esasy ünsi okuw tutumynyň giriş bölümine – talyba näme berilýändigine, ýagny, okuw tutumynyň mazmunyna ( bilimlere, başarnyklara, endiklere) gönükdirýär. Okadylyş bolsa esasy ünsi onuň çykyş bölegine – talybyň näme alandygyna gönükdirýär. Üstesine-de talybyň näme alandygy, özleşdirendigi onuň mazmuny ýa-da höwesi nukdaýdan däl-de, okadylyşyň şahsyýetiň häzirki we geljekki işi üçin ähmiýeti jähtden bahalandyrylýar.

Sapagyň okadylyşynda bilimler okuw dersleri ( aýry-aýry ýumuşlar, taglymatlar ) arkaly berilýär.

Sapagyñ berlişi mugallymyñ hadysalara we tutumlara garaýşyny şöhlelendirip, okadylyş bolsa okaýanyñ nazaryýetini şöhlelendirýär. Mugallymyñ garaýşy hemişe giñ we çuñdur. Bu eminiñ-ekspertiñ garaýşydyr. Ol hemişe dersiñ logikasynyñ çäginden uzaklaşyp bilmeýär. Okaýanyñ garaýşyna ähmiýete ymtylyş, böleklilik mahsusdyr. Mugallymyñ garaýşy esasan umumylykdan ýekelige (deduktiw), talybyñky bolsa – ýekelikden umumylyga –induktiw) ugrukýan häsiýetdedir. Mugallym bilýänini öwredýär. Talyp özüniñ bilmeýän we başarmaýan zadyny öwrenýär.

Sapak beriş we okadylyş bir-birinden höwesleriniñ gönükdirilmesi boýuñça tapawutlanýan täsirleriñ astynda bolýar. Sapak beriş degişlilikde bu beýleki mugallymlaryñ we ýolbaşçylaryñ täsiri bolýan bolsa, okadylyşa degişlilikde bu talyplar, uçurymlar we işe kabul edýänler, şeýle hem okuw tutumynyñ netijeliligi bilen gyzyklanýan köp sanly beýleki toparlar. Hut şonuñ üçin ýokary okuw jaýynyň öñde baryjy mugallymlary okuw tutumyny esasan okadylyşa gönükdirmäge ymtylýarlar. Munuñ üçin birnäçe guramaçylyk we usulyýet çäreleri zerurdyr: esasy mowzuglary, ýumuşlary öwrenmeklige gerek dersiñ mazmunyna laýyklykda birleşdirilen, umumylaşdyrylan okadylyşy girizmek, talybyñ ünsüni diñe dogry jogaby agtarmakdan meseläni çözmek başarnygyny ösdürmeklige gönükdirmek we beýlekiler. Bu babatda has toplumlaýyn we has netijeli okadylyş usuly hereketli okadylyş bolup, onda hakyky durmuşy ýumuşlar, hakyky şertlerde ýa-da oña golaýlaşdyrylan nusgalarda çözülýär.

Häzirki zaman pedagogik bilimi tutuş ylymlar ulgamyny özünde jemleýär: Umumy pedagogika, mekdebe çenli, mekdep pedagogikasy, surdo- (kerleriñ), tiflo (gүñleriñ) we oligofren dogabitdi kemakyllyk) pedagogikasy; şeýle hem önümçilik, harby, ýokary

mekdep, ýaşlar hereketi, maşgala pedagogikasy bu sanawyñ üstüni ýetirýär. Häzirki döwürde etnopedagogika – halk pedagogikasy aýratyn ähmiýete eýedir. Terbiýe taglymaty bilen bir hatarda pedagogika didaktika (okadylyşyñ taglymaty), mekdebi öwrenşi we beýleki ylmy dersler goşulýar.

## 2-nji bap. PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝANYŇ ÖSÜŞINI WE KEMALA GELIŞINIŇ TARYHY HAKYNDA. PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝANYŇ DERŇEW USULLARY.

Pedagogik-psihologiýanyň derňew usullary bilen tanyşmak mugallyma we terbiýeçä amatly peýdasyny berip biler. Bu usullar diňe bir ylmy derňewler üçin ýaramlylygy bilen tapawutlanman, eýsem çagalary has içgin öwrenmekde amaly okuw-terbiýeçilik işlerini guramaga mümkinçilik berer. “Eger-de pedagogika ähli gatnaşykda adamy terbiýelemek islese ilki bilen ony ähli gatnaşykda bilmelidir” diýip K.D.Uşinskiý belläp geçýär.

Islendik ylym täze maglumatlary yzygider toplamaklygyň esasynda ösýär we kämilleşýär. Ähli tebigy we jemgyýetçilik ylymlary ýaly pedagogik-psihologiýanyň-da *syn etme, sorag-jogap,anketa, test sowallary,gürrüňdeşlik we tejribe* ýaly esasy usullary bolup, olaryň her biriniň düýp mazmuny bir bolan birnäçe görnüşi bardyr.

**1. Synlamak we syn etmek, gözegçilik (adaty, ỳörite)**-durmuşy syn etme ylmy synlamadan *özüniň tötänligi, guramaçylygynyñ we ýörite meyilnamasynyň yoklugy* bilen tapawutlanýar. Ýöne ol özüniň köplügi we gündelik tejribä daýanýanlygy bilen kähalatlarda pähimlilik häsiýete eýe bolýar. Köp sanly durmuşy syn etmeler nakyllarda, atalar sözünde jemlenip, yörite öwrenmeklige mynasypdyr

Adam diňe öz hereketinde, özüni alyp barşynda öz şahsyýetini şöhlelendirýär. Syn etme usuly aşakdaky ugurlar boýunça gurnalmaly:

1. Okuwçylary syn etmeklik okuw-terbiýeçilik işiniň esasynda alyp barmaly. Okuwçyny diňe bir okatmak we terbiýelemk üçin öwrenmeli däl-de okuwçyny öwrenip terbiýelemeli.

2. Okuwçyny seljerme-netijä gelme esasyndasyn etmeli. Okuwçy derňelende aýry-aýry gylyk-häsiýetlerini ýüze çykarmak kyn, şonuň üçin ony tutuş bütewilik görnüşinde, onuň gowy taraplaryna, okuw-terbiýeçilik işinde ulanyp boljak oňaýly häsiýetlerine üты berip seljermeli;

3. Şahsyýeti anyk görkezijileriň esasynda hemmetaraplaýyn öwrenmel. Diňe gündeki, maksadalaýyk gurnalan syn etmede alnan takyk maglumatlara daýanmaly;

4. Okuwçynyň şahsy aýratynlygyna düşünmek üçin onuň daşky gurşawy bilen tanyşmaly;

5. Okuwçyny gysga we uzak wagtyň dowamynda syn etmeli, sebäbi islendik şahsyýet öz durmuş we iş şertkeriniň üýtgemeginde üýtgeýär we ösýär;

6. Okuwçyny toparyň içinde we toparyň agzasy hökmünde synlamaly;

7. Dürli ýagdaýlarda ýüze çykýan şahsy aýratynlyklaryna üns berlende anyk netijeleri alyp bolar. Okuwçy başga ýagdaýlarda-da öz gylyk-häsiýetine mahsus däl sypatlaryny ýüze çykaryp bilýär, muňa okuwçynyň maşgala gurşawynyň haýsy-da bir şertiniň üýtgemegi sebäp bolup biler (saglygy, argynlygy,öz-özüni duýuşy we ş.m.). Okuwçyny özi aňmadyk ýagdaýda syn etmeli, sebäbi ol öz hakyky häsiýetlerini gizlemegi mümkin. Okuwçyny okuw-zähmet, jemgyýetçilik işinde, ýaş çagalary bolsa oýun pursatynda syn etmek ähmiýetlidir. Şonda olaryň belli bir häsiýeti (jogapkärçilik, borçlulyk we duýgydaşlyk),

gyzyklanmalary, maksatlary döräp bilýär. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylar oýun pursatynda synlanylanda ol oýny ýeke ýa-da topar bolup oýnaýarmy, hereketli ýa-da rahat oýunlary gowy görýärmi, oýny soňuna çenli ýerine ýetirip bilýärmi diýen meseleleri ýüze çykaryp bolýar.

8. Okuwçyny gowy öwrenmekde onuň özüni alyp baryş meýillerine düşünmeli, ony meýiline görä bahalandyrmaly.

9. Onuň şahsyýetini aňlamak üçin onuň sözleýşine syn emeli, sebäbi ökuwçynyň aýdýan sözleri käwagt onuň biperwaýlygyny, sowukganlylygyny görkezse, käwagtlar bolsa onuň tersine ýuka ýürekliligini, mähirliligini aňladyp biler.

**2.Pedagogik tejribe** derňew geçirýäniň öwrenilýän adamyň işine işjeň gatnaşmaklygyny göz öňünde tutýar; şeýle gatnaşmaklyk öwrenilýän pedagogi hadysanyň aýdyň ýüze çykmagyna şert döretmeklige, bu şertleri tejribeçä amatly tarapa üýtgetmeklige we bu hadysanyň hertaraplaýyn seredilmegi üçin birnäçe gezek gaýtalamaklyga mümkinçilik berýär.Tejribe usulynyň **tejribehana – laboratoriýa** (wagty, okuwçylaryň sany, işiň mazmuny üỳtgedilỳär) we **tebigy tejribe** (adaty ỳagdaỳlarda wagty, ỳeri, gün tertibi üỳtgedilmeỳär) görnüşleri bolýar. Syn etmek we tejribe usullarynyň artykmaçlygyny özünde jemleýän derňewiň özboluşly ugry **psihologik-pedagogik tejribesi** bolup, dürli ýaş döwürlerinde okuwçylaryň akyl ýetiriş mümkinçiligini öwrenmekde, okuwçynyň şahsyýetini kemala getirmegiň takyk usullaryny kesgitlemekde we ş.m. bu tejribäniň ähmiýeti uludyr.

**3.T<u>est geçirmek</u>**. Bu usulda esasy wezipe täze maglumatlary almak däl-de, adamyň psihiki häsiýetleriniň öňünden kesgitlenen psihiki kada-norma we ülňä gabat gelýändigini anyklamakdan durýar. Okuwçynyň test ýumuşyny ýerine ýetirişine berilýän baha onuň degişli düşünjeleriň, bilim başarnyklarynyň, häsiýetleriniň

kämilliginiň görkezijisi bolup hyzmat edýär. Testler-dürli derejede, dürli maksatlar üçin düzülýär.

Kibernetiki ylymlaryň ösmegi bilen giň gerime eýe bolan we ylmyň dürli pudaklarynda ulanylyp ugran nusgalama-modelirleme usuly haçan-da öwrenilýän hadysa özüniň çylşyrymlylygy ýa-da başga ýagdaýy boýunça syn etme, sowal, test we tejribe usullary bilen öwrenmek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda ulanylýar. Model-nusgalaryň tehniki, logiki, matematiki (mukdary, hili, eỳeleỳän ornuny, göterimini we gatnaşygygyny), kibernetiki görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**4.Söhbetdeşlik, gürrüň (adaty hem ýörite)** adaty söhbetdeşlik okuwçy ỳa-da talyp bilen her gün guralỳan okuw-terbiỳeçilik işleri bilen baglylykda ỳa-da haỳsy-da bolsa bir pedagogik tejribe öwrenilen wagtynda guralyp biliner. Söhbetdeşlige gatnaşỳanlaryň içki ỳadaỳlary ỳüze çykarylyp ilki belli bir maksat goỳmak, soraglary takyklamak. Ỳörite söhbetdeşlik bolanda ylmy derňew işleri alnyp barlanda ỳörite rugsat alnandan soňra gurnalyp biliner. Söhbetdeşlige haỳsy ỳaşdaky okuwçylar gatnaşdyryljak, garaşylỳan netijeler, söhbetdeşligiň beỳany, beriljek soraglar jikme-jik işlenilip düzülmelidir 1. Esasy soraglar. 2. Ugrukdyryjy soraglar. 3. Takyklaỳjy soraglar.

**5. Anketa usuly** ýapyk (berilỳän soraglara jogaplary saỳlap almaly), yarym açyyk (öz pikiriňi ỳazyp bilỳärsiň), açyk (goỳulan soraglara özüň jogap bermeli) görnüşinde geçirilýär) ỳazuw üsti bilen köpçülikleỳin maglumat toplamaklyga gönükdirilip amal edilýär we ỳaşlaryň haỳsy-da bolsa bir meselä garaỳşy kesgitlenilỳär. Ýörite rugsat alynýar we beýan taýýarlanylýar. Ylmy iş goralanda esas hökmünde peỳdalanylỳar.

**6. Mekdebiň resmi iş kagyzlaryny öwrenmek.** 1. Synp dergisi. 2. Ýetişik tabeli. 3. Şahsy bukja. 4. Häsýetnamalar. 5. Saglyk hakyndaky maglumatlar. 6. Beýanlar. 7. Pedagogik maslahatyň kararlary.

**7. Edebi çeşmeleri öwrenmek.** 1. Pedagogika bilen baglanyşykly ýazylan eserler. M., D. Azadynyň „Wagzy-Azat“ poemasy, „Görogly“ şa dessany, „Gorkut ata“ eposy, „Kowusnama“, A.S. Makarenkonyň „Pedagogik poemasy“, A.W. Suhamlinskiniň „Ogluma ýazan hatlarym“ we beýlekiler. 2.Hormatly Prezidentimiziň neşir etdiren işleri. 3.Bilim Ministliginiň çykarỳan kararlary, buỳruklary.

**8. Okuwçylaryň ỳazuw**-grafiki işlerini öwrenmek. Düzmeler, dikdantlar, beỳannamalar, barlag işleri, okuw-görkezme esbaplary,çykyşlarlar we beỳlekiler.

**9. Matematiki usullar** olar geçirilỳän tejribäniň mukdaryny, hilini, derejesini, netijesini doly bahalandyrmaga mümkinçilik berỳär. Meselem, okuwçylaryň ỳetişigini kesgitlemek.

**II. Sossiometriýa.** Ilkinji gezek ABŞ-da (psiholog Moreno Djekob) senagat kärhanasynda ulanylýar, soňra okuw-terbiýeçilik işlerinde peýdalanylýar. Oňa bildirilỳän esasy talaplar: 1. öwrenilỳän toparlaryň çägini kesgitlenmeli.2. Toparyň her bir agzasynyň islendik mukdarda saỳlaw etmäge haky bar. 3. Amaly netijeleri bilen tanyşdyrmak. 4. Ol 3 bölekden durýar (anketa, beýan (matrissa) we meşen (belginama). Bu usulyň üsti bilen topardaky şahsyýetara gatnaşyklary ýüze çykarýarys, mikrotoparlary kesgitleýäris we lideri ýüze çykarýarys.

Topar agzalaryna "Kimi doglan günüň bellenişigine çagyrardyň? ", "Kim bilen öý-işlerine, synaglara bile taýýarlanmak isleýärsiň?" diýen ýaly şahsyýetara, işewür we beýleki häsiýetdäki sowallar teklip edilip, olara kimiň köp saýlaw alandygy sanalýar. Şeýle saýlawyň netijesinde öňe saýlanýanlaryň dürli derejeleri durmuşy psihologiýanamada ýörite adalgalar bilen bellenýär.

1. "Ýyldyzlar" - saýlawda iň köp ses alan topar agzasy. Talyplar toparynda we okuwçylar synpynda olar 8-10 saýlaw almany başarýarlar.

Şeýle agzalaryň sany 1-2-den geçmeýär.

2. "Göwnelýänler " — ýyldyzlardan ýarpy ýa-da ondan sähel pes saýlawyny alýanlar.
3. "Gyradakylar" — 1-3 saýlaw alýan topar agzalary.
4. "Göze ilmeýänler" ýa-da çetleşdirilenler, saýlawda ýekeje ses hem almadyklar.
5. "Ret edilýänler" - eger sowal oňyn däl häsiýetde "Kim bilen bile işlemek, dynç almak islemeýärsiň? " ýaly soraglar goýlanda oňa jogap hökmünde agzalýanlar.

Adamyň iş durmuşynyň dürli mazmunlylygy we onuň ukyp-başarnyklarynyň, şahsy häsiýetleriniň ösüşiniň dürli derejeliligi şol bir adamyň şahsy we işewür ulgamlarynda dürli at-abraýda bolmak mümkinçiligini döredýär. Şol bir talyp, okuwçy şahsy we işewür gatnaşyklarynda degişlilikde "ýyldyz" ýa-da "göwnelýän" orunlarda, kähalatlarda bolsa olaýň ikisinde-de bir meňzeş orun eýelemegi mümkindir.

Agzalan mesele bilen baglanyşyklykda adamlaryň şahsyýetara gatnaşyklarynda birek-birege psihologik laýyklyk, sygyşmaklyk ýa-da olaryň oňyn däl alamatlary ýüze çykýar.

## 3-nji bap. PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝANYŇ ULANÝAN DERŇEW MESELELERI.

“Ösüş” adalgasy – wagtyň geçmegi bilen biologik hadysalaryň we daşky gurşawyň täsiri netijesinde adamyň özüni alyp barşynda, pikirlenmesinde, beden gurluşynda bolup geçýän üýtgeşmeleri görkezýär. Adatça bu üýtgeşmeler özgerýär we toplanýar. Netijede funksiýalaryň gurluşynyň çylşyrymlaşmagy bolup geçýär.

Meselem: bäbegiň hereket ösüşi el-aýagyň tertipsiz hereketlerinden başlanýar, soňra çaga bir zady tutmaga

gönükdirilýär, emedekläp başlaýar, ilkinji ädimlerini edýär.

Ösüş üç gurşawda bolup geçýär:

1.Fiziki;
2 .Kognitiw-akyl;
3.Psihososial.

Fiziki gurşaw-bedeniň we organlaryň görnüşi we ölçegi, beýniniň gurluşynyň üýtgemeleri, sensor mümkinçilikler, hereket endikleri.

Kognitiw-akyl gurşawy - ähli akyl we psihiki hadysalary öz içine alýar. Bu gurşawa duýma, ýat, pikirlenme, ýumuşlary çözmek, sözleýiş, pikir ýöretme, hyýal ýaly hadysalar degişlidir

Psihososial gurşawa- şahsyýetiň häsiýetleri we sosial endikler degişlidir.

Ösüşiň biologiki hadysalary.

Ähli janly organizmler degişli genetik koda görä kemala gelýär. Käbir görnüşlerde bu meýilnama takyk kesgitlenen bolup, hiç hili üýtgemelelr göz öňünde tutulmaýar. Meselem: bäbekleriň ösüşi.

Psihologlar genetiki meýilnama görä ösüş barada gürrüň edenlerinde kemala gelmek adalgasyndan peýdalanýarlar.

Kemala gelmek- genetiki meýilnama görä öňden meýilleşdirilen üýtgemeleri öz içine alýan ösüş hadysasy. Beden organlarynyň we hereket ukyplarynyň ösüşi dürli tizlikde geçýär. Düzgün bolşy ýaly, ösüş adalgasy - funksional mümkinçilikleriň ösüşiň amatly nokadyna çenli ösmegini aňladýar.

Garramak adalgasy- ösüşiň amatly nokady geçeninden soňra organizmde bolup geçýän biologiki üýtgemeleri görkezýär.

Adamyň ösüşine daşky gurşawyň täsiri. Biz her pursat daşky gurşawyň täsirine duçar bolýarys. Ýagtylyk, ses, ýylylyk, iýmit, dermanlar, gahar, mylakatlylyk we başga zatlar esasy biologiki we psihologiki talaplaryň

kanagatlanmagyna hyzmat edip biler, zyýan ýetirip biler, ünsi çekip, öwredilmäniň düzüjisi bolup bilerler. Daşky gurşawyň käbir täsirleri wagtlaýyn häsiýete eýe bolup, haýsydyr bir ýagdaý bilen çäklenýärler. Ýöne beýleki daşky täsirler hemişelik häsiýetde bolup bilýär: ata-eneler bilen üzülmeýän täsirler. Daşky gurşawyň täsirleri ösüşi togtadyp ýa-da güýçlendirip bilýärler, durnukly aladany döredip bilýär ýa-da çylşyrymly endikleriň kemala gelmegine getirýär.

Öwredilme - şahsy tejribe ýa-da türgenleşik netijesinde gazanylan ösüş bilen baglanşykly, indiwidumyň özgerme hadysasy. Biziň ähli hereketlerimizde öwredilmä syn etmek bolýar: hereketli oýunlary oýnanymyzda, matematiki ýumuşlary çözenimizde, aşyk bolanymyzda. Her gezek gönükmeleri kemala getirip, gymmatlyklary ýa-da pikirlenme, stereotipleri, pikirleri döredip biz endiklere we bilimlere eýe bolýarys.

Sosiallaşma - bu ähliumumy hadysa bolup, onuň kömegi bilen adam sosial toparyň agzasy bolýar: maşgala, jemagat. Sosiallaşma ähli gönükmeleriň, pikirleriň, däpleriň, durmuşy gymmatlyklarynyň, kesgitli sosial toparyň garaşmalarynyň we orunlarynyň özleşdirilmegini öz içine alýar. Sosiallaşma iki taraplaýyn hadysa hökmünde düşünýärler. Öňki barlaglaryň netijesi boýunça çagalaryň özüni alyp barşy bütinleý ata-eneleriň özüni alyp barşyna baglydyr. Has giçki barlaglaryň görkezişi ýaly. Çaga bilen ata-eneleriň özüni alyp barşy bir-birlerine edýän täsirlerine baglydyr. Çaga maşgalanyň çäklerinde alýan terbiýesiniň kömegi bilen sosiallaşýar, ýöne çaganyň barlygy maşgala agzalarynyň täze ýollary özleşdirmeklerini talap edýär.

Ösüş hadysalarynyň özara täsiri. Käbir psihologlar üçin biziň özümizi alyp barşymyz näderejede ösüşe we haýsy derejede öwredilmä bagly diýen sorag mesele bolup durýar. Bäbek ilki oturýar, soňra turýar, iň soňunda bolsa

ýöreýär- bu ýerde ilkinji derejede ösüş hadysalary durýar. Ýöne şeýle özüňi alyp barşyň ösüşine dermanlar, iýmit, ýadawlyk, kesel, emosional dartgynlyk päsgel berip bilýär. Käbir endikler meselem, sazandanyň ýa-da sportsmeniň endikleri tejribäniň we yzygiderli türgenleşigiň netijesinde saklanýar.

II. Taglymatlaryň arasynda üç jedelli sorag boýunça dürli garaýyşlar döreýär:

1.Faktorlar; 2.Ösüşiň häsiýeti; 3.Ösüşiň tebigaty.

Tebigat ýa-da terbiýe? Ösüşiň esasy güýji hökmünde biz nesle geçijiligi ykrar edýäris. Ýöne, başga tarapdan terbiýäniň ähmiýetini öňe sürýän taglymatçylar daşky gurşawyň gökezijilerine özüňi alyp barşyň kemala gelmeginiň esasy düzüjileri hökmünde seredýärler. Tebigatyň ähmiýetini we terbiýäniň täsirini ykrar edýän taglymatçylar özüňi alyp barşyň şol bir görnüşini syn edip, onuň ösüşine getirýän hadysalary dürlüçe getirýärler. Meselem: mekdebe çenli ýaşly çaga hyýalynda özüne dost edinýär. Nesle geçijiligi we biologik görkezijileri öňe sürýän alymlar bu ýagdaýy çaganyň beýnisiniň ösüş derejesi we akylyň kämil däldigi bilen düşündirýärler. Terbiýäni öňe sürýän alym bolsa, şeýle özüňi alyp barşyň daşky gurşaw görkezijileri hökmünde ata-eneler tarapyndan ýylylygyň ýetmezçiligi, dogan-jigileriniň ýoklugy bilen düşündirýär.

**Öwredilme taglymaty**. Öwredilme taglymatyna laýyklykda özüňi alyp barşyň köp görnüşleri öwredilme arkaly özleşdirilýär. Öwredilme resmi okadylma bilen çäklenmeýär. Öwredilme ahlak düzgünleri, garaýyşlary, hereketleri öz içine alýar. Şeýlelikde, öwredilme taglymaty özüňi alyp baryş görnüşleriniň giň gurşawyny öz içine alýar. Öwredilme taglymatynyň tarapdarlary çaganyň ösüşine bilimleriň, endikleriň, başarnyklaryň, yzygiderli toplanmagy hökmünde garaýarlar.

**Bihewiorizm**. XX asyryň başlarynda amerikan psihologlary adamzadyň özüni alyp barşy baradaky

ylmyny döretmäge girişdiler. Olary adamzat pikirleri, arzuwlary ýa-da duýgylary gyzyklandyrmaýardy. Olar adamzadyň özüni alyp barşyny biologlaryň haýwanlaryň özüni alyp barşyny öwrenişi ýaly öwrenýärler. Bu barlaglar tejribede hödürlenýän stimullary takyk kesgitleýärler we gözegçilik edýärler. Soňra barlaglarda berlen stimullara alnan jogap täsirler syn edilip bellenilýär. Bu taglymat ýönekeý tejribeden çylşyrymla çenli işlenilýär. Şeýlelikde bu taglymat induktiw usul bilen düzülýär. Barlagçylary diňe daşky özüňi alyp baryş gyzyklandyrýandygy sebäpli olara bihewioristler diýip at dakýarlar (“behaviour”- “özüňi alyp baryş”).

**Sosial öwredilme taglymaty**. Bu taglymaty döreden psihologlar öwredilme taglymatynyň meýdanyny giňeldip, çylşyrymly sosial özüňi alyp barşy düşündirmegi maksat edinýärler. Reaksiýalaryň netijelerine syn edip, olar maglumat alýarlar. Adamlar dogry özüňi alyp barşy saýlamaga ukyply bolup, kesgitli ýagdaýda kesgitli özüňi alyp barşyň netijelerini çaklap bilýärler. Sosial öwredilme taglymaty özüňi alyp barşy dolandyrmakda aňlaýjylykly pikirlenmä uly orun berýär.

**Kognitiw taglymat.** Amerikan psihologiýa ylmynda kognitiw psihologiýanyň tarapdarlary soňky döwürlerde döräpdir. Ýewropa däpleri bolsa adamzat aňyna we ony döredýän düzgünlerine uly hormat goýýarlar. Kognitiw taglymatlar Ž.Piaženiň işlerinden başlanýar. Şweýsar psihology Žan Piaženiň (1896-1980ý) pikiriçe intellekt islendik başga bir janly gurluş ýaly gyjyndyryjylara ýönekeý jogap bermeýär. Ol ösýär, üýtgeýär we dünýä uýgunlaşýar. Piaže we beýleki kognitiw psihologlara şol sanda J.Brunere, H.Wernere strukturalistler diýip at berýärler. Sebäbi olary pikirlernmäniň gurluşy gyzyklandyrýar. Piaženiň barlaglary Simon we Bine bilen bilelikdäki işlerinden başlanýar. Piaženiň pikiriçe intellekt bilimleri ýazyp bolýan arassa tagta däl. Eger-de adamyň alýan

maglumatlary perseptiw şekilleri, subýektiw başdan geçirmeleri onuň intellektine gabat gelýän bolsa, onda bu maglumatlar, keşpler “düşünilýär”. Eger-de maglumat intellekte gabat gelmese, ol ony inkär edýär.

Freýdiň, neofreýdistleriň taglymatlary psihoanalitik däbi diýip atlandyrylýan ugry döredýärler. Bu ugruň esasy hereketlendiriji güýji Freýdiň işleri bolup durýar. Bu işler kliniki ýagdaýlarda esaslandyrylýar. Freýd içki isleglериň güýjüne aýratyn ähmiýet berýär. Onuň pikiriçe adamyň özüni alyp barşy ilki bilen biologik, haýwan islegleri şol sanda seksual we agressiw islegler bilen kesgitlenýär. Şahyýetiň içki tebigatynyň syryny açmak üçin Freýd çagalyga ýüzlenýär- Freýdiň pikiriçe organizmiň instinktiw talaplary jemgyýete garşy gönükdirilendir, emma adamyň isleýän, onuň gözleýän zady daşky sosial gurşawda ýerleşeni sebäpli ol jemgyýete uýgunlaşmaly bolýar, ýöne şeýle uýgunlaşmanyň netijesi köplenç alada ýa-da newroz bolýar. Psihoanalitik taglymata laýyklykda irki çagalykdaky şowsuz uýgunlaşma uzak wagtyň dowamynda öz täsirini ýetirýär.

**“Men” taglymaty.** Ynsanperwer psihologiýa bilen baglanşykly “men” taglymatyň maksady – adamzat tebigaty baradaky garaýyşlary adamzat tejribesine ýakyn edip döretmekden ybarat. Kemala gelýän “men” ösüşiň birnäçe taglymatlarynyň merkezi meselesi bolup durýar. Bu taglymatlaryň pikiriçe adamlar özlerine düşünişi bilen laýyk gelýän özüni alyp barşa ýykgyn edýärler. Şeýle taglymatlaryň biri Robert Kegana degişlidir. R.Kegan adamyň özüni alyp barşynda mazmunyň wajyplygyny belläp geçýär.

Etologiýa - biologiýanyň bir şahasy bolup, haýwanlaryň özüni alyp barşynyň kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Bu ylym haýwanlar we adamlar üçin umumy bolan biologiki häsiýetlere gyzyklanma döretdi. Etologlar adamlaryň we haýwanlaryň barlaglaryny tebigy şertlerde geçirmeginiň wajyplygyny belläp geçýärler. Olar ýabany

tebigatda maýmynlaryň sosial gatnaşyklaryny öwrenýärler. Etologlar adamlaryň we haýwanlaryň özüni alyp barşyny öwrenmek üçin meňzeş taglymat düzgünlerinden peýdalanýarlar. Meselem: K.Lorenz çagalarda kemala gelýän ýylylyk duýgusy bilen bäbeklerde enesine bolan duýgusyny deňeşdirýär we umumylyk tapýar.

Etologlaryň pikiriçe adamlar beýleki haýwanlar ýaly özüni alyp barşynyň ýörite görnüşli nusgalaryny ýüze çykarýarlar. Olar medeni tapawutlara garamazdan ähli adamlarda birmeňzeş bolýarlar. Hat-da kör, ker çagalar degişli ýaşda ýylgyrýarlar we ses çykarýarlar, bütin ömrüniň dowamynda gülýärler, dodaklaryny işledýärler.

Etologlar kognitiw-akyl ösüşine hem üns berýärler, ýöne bu gurşawda olar öwredilmäniň we pikirlenmäniň düzüjisine aýratyn ähmiýet berýärler. Etologlaryň pikiriçe adamzat beýnisi öwredilmäniň diňe kesgitli görnüşlerine taýýarlanandyr. Dili özleşdirmek ýaly çylşyrymly öwredilme ösüşiň “senzitiw” duýgur döwürlerinde has ýeňil geçýär diýip hasaplaýarlar. Hat-da ýumuşlaryň çözlüşine adamzat beýnisiniň tebigy kabul edijiligi täsir edýär. Barlaglaryň görkezişi ýaly 4 ýaşly çagalar ýumuşlary synanyşyk we ýalňyşlyk usuly arkaly çözýärler, bu ýagdaý şimpanzelerde hem bellik edilýär. Emma 8 ýaşly çagalar islendik medeniýete degişli bolsa-da, ýumuşlary çözende adamzat usullaryny ulanýarýar.

## 4-nji bap. PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝADA ŞAHSYÝETIŇ ÖSÜŞI WE KEMALA GELŞI.

Adamyň tebigatyna düşünmeklik adamzadyň bütin taryhynyň dowamynda gyzyklanan meselesidir. Adamyň psihologiki gurluşy şahsyýet dogrusyndaky derňewleriň köplügine garamazdan, adamyň özüni näme üçin şeýle alyp barmaýanlygy heniz doly tapylan däldir. Antropologiýa, fiziologiýa, pedagogika we ş.m. ylymlar

bilen bir hatarda şahsyýetiň psihologiyasynyň hem öwreniş obýekti adamdyr. Adamyň indiwid we şahsyýet düzüjileriniň arasynda şahsyýetiň psihologiýasynyń dersi adamyň ruhy şahsyýet tarapyndadyr. Adamyň indiwid hökmündäki öwrenilişi bolsa biologiýanyň, fiziologiýanyň dersi bolup durýar. Şahsyýetiň psihologiýasy has gysgaldylyp aýdylanda, adamyň özüni näme üçin başga hili däl-de, hut şeýle alyp barýandygyny anyklamakdan ybaratdyr. Bu mesele biziň döwrümizde has derwaýyşdyr. Adamzat jemgyýetinde ýüze çykýan ekologik weýrançylyk, neşekeşlik, terrorçylyk we ş.m. ýaly nogsanlyklar adamyň hut özüniň günäsi boýunça ýüze çykýandygy sebäpli, şahsyýetiň psihologiýasyny öwrenmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Şahsyýet hem öz gezeginde edebiýat taglymaty, psihologiýa ýaly gumanitar-ynsanperwer ylymlaryń umumy öwreniş obýekti bolup, bu ylymlaryń her biri özüne laýyklykda öwreniş jähtini (aspektini) saýlap alýar. Şahsyýet diýlende ilki bilen pikire gelýän zat onuń özboluşly gaýtalanmaz hadysa bolup durýanlygydyr. Kähalatlarda şahsyýeti bahalandyryşly häsiýetnamada kesgitleýärler. Meselem: A-“gowy adam”, D- “ýakymsyz adam” we ş.m, kähalatlarda bolsa şahsyýete berilýän kesgitlemede onuń ońyn ýa-da ońyn däl häsiýetnamasy näbelli bolup galýar. Meselem: Ç - “üytgeşik adam”, R - “gaýtalanmajak adam” we ş.m. Bu ýerde “üýtgeşik”, “gaytalanmaz” ańlatmalarynyń ońyn (položitel) ýa-da ońyn däl (otrisatel) manydalygy belli bolman galýar. Kä halatlarda hünärmen däl adamlar tarapyndan şahsyýeiň kesgitlenilşi, bahalandyrylşy häsiýetde bolýar (meselem: “Aman gowy adam”, “pylany erbet adam” we ş.m.). Şeýle häsiýetlendiriş ylmy psihologik çemeleşmä laýyk däldir. Şahsyýetiň ylmy psihologik öwrenilişi, bir tarapdan, onuň bütewi gurluşyny ýüze çykarmak bilen bir hatarda onuň esasy düzüm böleklerini anyklamaklykdan ugur alýar (Meselem: Newrotiki şahsyýet tipi diýilende, onuň tutuş

alamaty bilen bir hatarda, karara gelmekde, pikir jemlemek, galagoplylyk, pikirini jemläp bilmezlik daşyndakylaryň öwrenmekligini gazanmaga çalyşyp, ýöne bu ugurda işjeň hereket etmezlik öz bähbidiňe garap, üstünlige ymtylmaklyk ýaly newrozyň häsiýetlerini hem ýüze çykarýarys).

Ön aýdylyşy ýaly, şahsyýet günbatar dillerinde "persona" atlandyrylyp ol ilki-ilkiler gadymy grek teatrynda aktýoryň ýüzüne tutýan nikabyny - maskasyny aňladyp, soňra aktýoryň oýnaýan roluny aňladyp, ahyr soňunda bolsa aktýoryň hut özüni aňladypdyr. Görnüşi ýaly, şahsyýete ilkinji düşüniliş onuň esasan daşky tarapyny häsiýetlendirmek bilen baglanyşykly bolupdyr. (Ýeri gelende bellesek, adaty adamyň beýlekileriň şahsyýetini öwrenişi hem köp derejede şu görnüşde bolýar). Has soňky döwürlerde bolsa, persona aktýoryň hut özüni aňlatmakda ulanylypdyr. Şahsyýet ylmy psihologik jähtden eksperimental-tejribe esasda öwrenilmäge degişlidir. Emma käbir psihologlar bolsa şahsyýeti tejribe tarapdan derňemeklik onuň has içgin, gös-göni kabul edilmeýän mazmunyny ýüze çykaryp bilmeýän diýen pikiri ýöredýärler. Olaryň pikiriçe şahsyýet edil çeper edebiýatdaky ýaly onuň maksat goýulmalaryny, kynçylygy ýeňip geçmeleri, öz özüňi kämilleşdirilmegi görnüşinde öwrenilmelidir.

Biziň häzirki günlerimizde hem şahsyýete şeýle düşüniliş psihologiýasynyň käbir ugurlarynda duş gelýär. (bihewiorizm, interaksionizm).

Hakyky ylmy jähtden bolsa şahsyýetiň kesgitlenilişi, bahalandyrylyşy däl-de, onuň aňly-huşly edenine we niýetine jogap berip bilýän, işe ukyply şahsyýet aragatnaşyklary guramaga başarnygy bar bolan häsiýetleri esasy orunda durýar.

Dürli psihologik ylym ugurlarynda şahsyýeiň kesgitlemesinde onuň içki mazmun ýa-da daşky hereket tarapy birinji orunda tutulýar. Meselem: K.Rojers

şahsyýeti öz ykbalyny özi kesgitleýän öz-özünelik hökmünde berse, G.Olport ony adamyň daşky dünýä bilen aragatnaşygynda durnuklylyk döredýän içki hadysa hökmünde kesgitleýär. Sowet psihology A.N.Leýontew şahsyýeti adamyň işiniň we motiwleriniň dürli görnüşleriniň bir-birine tabyn ulgamy häsiýetde kesgitlese, K.Platonow ony äňly-düşünjeli, işe, herekete, pikirlenmä ukyply gurluş görnüşinde kesgitleýär we ş.m. A.G.Kowalew bolsa, şahsyýeti zähmetiň, pikirlenmäniň we aragatnaşygyň obýekti we subýekti görnüşde kesgitleýär. L.I.Božowiçiň nazaryýetinde şahsyýet köp derejede motiw-gatnaşyklaryň toplumyna, ýagny şahsýetiň gönükdirilmesine syrykdyrylýar.

Şahsyýetiń ylmy öwrenilişiniń başlangyjy XIX asyryń ahyryna, XX asyryń başlaryna gabat gelýär. Şahsyýetiń ylmy öwrenilişinde ýokarda agzalan bahalandyryşly kesgitleme kabul edilen däldir. Ylmy şahsyýetnama - personologiýa şahsyýetiń gowy ýa-da erbetligi bilen gyzyklanman onuń obýektiw gurluşyny açyp görkezmäge ymtylýar. Başgaça aýdanyňda, bu ýerde şahsyýetiň öwrenilişi etiki - filosofiki häsiýetde bolýar. Şahsyýetiń ylmy öwrenilişiniń birnäçe ugurlary bardyr. Meselem: K.Rojersiń taglymatynda şahsyýetiń öz-özüneligi onuń guramaçylykly gaýtalanmaz, durnukly gurluşy bolup durýandygyny nygtaýan bolsa, J. Kelliniń şahsyýet taglymatynda ol öz gaýtalanmaz tejribesini ońlaýan we ońa üznüksiz düzediş girizýän gurluş hökmünde seredyär. A. Banduranyń taglymatynda bolsa, şahsyýet özüniń ońyn we ońyn däl hereketleri hoşamat ýa-da temmi bilen berkidilip durýan we onuń netijesinde belli bir häsiýetler döredýän mazmun görnüşinde seredýär.

Çaganyń psihikasynyń ösüşi barada psihologlar tarapyndan dürli-dürli pikirler öńe sürülipdir. Birnäçe burjuaz pedagoglara we psihologlara çaganyń psihiki ösüş aýratynlyklary barada nädogry düşündiriş beripdirler. Olar çaganyń psihiki ösüşiniń sebäplerini dogry

düşündirmändirler. Olaryń birnäçesi çaganyń psihiki aýratynlygynda nesle geçijilik esasy rol oýnaýandyr, okatmak we terbiýe bermek prosesiniń bolsa hiç hili ähmiýeti ýokdur diýip belläpdirler. Şeýle pikirleriń täsiri netijesinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynda deńsizlik emele gelipdir. Şahsyýetiń hemmetaraplaýyn ösüp kemala gelmeginde sosial gurşawy, bilim we terbiýe bermek ýaşaýyş durmuşyny dogry guramak zerur zatlar hasaplanýar. Çaga bilim we terbiýe bermegiń nerw sistemasynyń tiplerni we psihologik aýratynlyklaryny hasaba almagy göz öńünde tutmalydyr. Çaganyń dogumly bolmaklygyny dürli tiplerde hem dürli terbiýeçilik täsiriniń netijesinde terbiýelemek mümkindir. Şahsyýeti terbiýelemekde işiń dürli görnüşleri: okuw, oýun, zähmet işleri ulanylýar.

Şahsyýet dürli ýaş döwürlerinde işiń görnüşi bilen meşgur bolýar. Dürli ýaş döwründe haýsy hem bolsa bir iş esasy iş hasaplanýar. Şol işiń görnüşi hem çaganyń psihiki we fiziki ösüşine täsir edýär. Mekdebe çenli döwürde çaganyń esasy işi oýun hasaplanýar. Mekdep ýaşly çagalarda esasy iş okuw hasaplanýar. Okuwçy oýun işinden esasy okuw işine geçýär. Uly ýaşly adamlarda esasy iş zähmetdir. Işiń her bir görnüşi şahsyýetiń ýaş döwürlerine görä gitdigiçe kämilleşýär. Okuw işi okuwçynyń ýaş aýratynlygyna görä çylşyrymly kämilleşýär. Okuwçydan edilýän talaplar güýçlenip, okuwyń mazmuny ýokarlanýar. Psihologiýa ylmynda çaganyń psihiki ösüşinde ýaş döwürleri şu aşakdaky ýaly bölünýär.

1. Bäbeklik döwüri (1 ýaşa cenli); 2. Irki çagalyk döwri ( 1 ýaşdan 3 ýaşa çenli); 3.Mekdebe çenli döwründen öńki döwür (3 ýaşdan 5 yaşa çenli). 4.Mekdebe çenli döwri (5 ýaşdan 7 ýaşa çenli); 5.Kiçi mekdep ýaşly döwri (7 ýaşdan 11 ýaşa çenli); 6.Ýetginjeklik döwri (11 yaşdan 14 ýaşa çenli). 7.Uly mekdep ýaşly döwri (14 ýaşdan 16 ýaşa çenli). Şu döwürleriń her birinde şahsyýetiń dürli

indiwidual tapawutlyklarynyń bardygyny görmek bolýar. Şu döwürleriń her biri hem ösüşiń senzitiw,ýagny ösüşiń rahat informasiýa toplanýan döwrüni düzýär Psihologlaryń bellemegine görä her senzitiw ösüş hökmany suratda krizis ösüş döwrüne geçýändir. Şeýlelikde her bir ösüş döwri ahyrynda krizis ösüş döwrüne gelýändir. Mysal üçin, mekdebe çenli döwürde krizis döwürleri hökmünde şu aşakdakylara bölmek bolýar.

a) 1 ýaşly krizis döwri; b) 3 ýaşly krizis döwri; w) 7 ýaşly krizis döwri.

Şahsyýetiń ösüşiniń kanunalaýyklygyna görä islendik rahat ösüş özüne ep-esli informasiya toplanandan soń, hökmany krizis ösüşe gelýändir.Ýetik çaganyń ösüşinde senzitiw ösüş bir topar informasiýa toplap, krizis döwre geçýär. Çaga öz ösüşinde birnäçe zatlara düşünip, ep-esli derejede ösüş gazanandan soń özüni öńki ýagdaý bilen ylalaşmaga başlaýar. Bu bolsa çagany psihologiki krizis ösuş döwrüne getirip, birnäçe psihiki täzelikleri ýüze çykarmaga şert döredýär. Şeýlelik bilen hem çaganyń durmuşynda birnäçe üýtgeşmeler, ösüşler, täzelikler bolup geçýär. Çaga döreýän ütgeşmeleri öwrenip, olary gowy ele alandan soń, çaganyń ösüşinde ýene täze indiki döwür, ýagny senzitiw ösüş döwri başlańýar. Şeýlelikde bir döwür beyleki döwür bilen çalyşyp çaga indiwidinde birnäçe täze şahsy hilleriń, sypatlaryň kemala gelmegine şert döredýär.

## 5-nji bap. PEDAGOGIK IŞ BARADA UMUMY DÜŞÜNJE

Okatmak-bu maksada gönükdirilen, öňünden nusga-meýilnamalaşdyrylan aragatnaşyk bolup, onuň tutumynda bilim beriş, terbiýe we ösüş amala aşyrylýar, adamzadyň tejribesiniň aýry-aýry taraplary, işiniň we akyl ýetirişiniň gazananlary özleşdirilýär. Okatmak şahsyýeti kemala

getirmegiň, ilkinji nobatda akyl ösüşiniň we umumy bilimliligiň serişdesidir.

Didaktika özüniň ylmy adalgalarynyň döreýiş we kämilleşmek döwürlerinde bolup, bu tutum entek gutarnykly däldir. Didaktikada okatmak tutumynyň adatça üç hyzmaty ýüze çykarylýar: bilim beriş, ösdüriş we terbiýe beriş. Okatmak tutumy bilim, başarnyk we endikleri, döredijilik işiniň tejribesini kemala getirmeklige gönükdirilendir.

Bilimlere bir-biri bilen özara baglanyşykda bolan takyk düşünjeler, kanunlar, degişli kanunalaýyklary şöhlelendirýän düzgünler, şeýle hem nazary pikir jemlemeler we özeni adalgalar degişlidir.

Basarnyklar okuwçynyň alan bilimleriniň esasynda amala aşyrýan we täze bilim - düşünjeleri özleşdirmäge ýardam edýän amaly hereketleridir.

Endikler - alnyp barlyşynyň dolandyrylyşy aňyň gatnaşmazlygynda, awtomatlaşan häsiýetde guralýan hereketlerdir.

**Okadylyş tutumynyň ösdüriji hyzmaty** özleşdirilýän bilim düşünjeleriň diňe möçber taýdan däl-de, hil taýdan baýlaşmaklygyny, bilimlerden täze düşünjeler gazanmak mümkinçiligini aňladýar. Okadylyşyň bu häsiýeti häzirki zaman psihologiýanamasynyň we kemalyýetiniň ýiti we çekişmeli meseleleriniň biri bolan okatmagyň we ösüşiň özara gatnaşygy meselesi bilen baglanyşýar.

Belli psiholog L.S.Wygotskiniň kesgitlän kanunyna laýyklykda okadylyş okuwçynyň psihologik ösüşiniň yzynda süýrenmeli däl-de, ony öz yzyna eýertmelidir. Bu kanunylaýyklygyň esasy maksady şahsyýeti ösdürmek bolup durýan birnäçe ýörite tilsimatlarda-tehnologiýalarda üstünlikli amala aşyrylýar. Okadylyş tutumy terbiýeçilik häsiýetini hem özünde jemläp, ol daşky şertleriň täsirinde (maşgala, ýakyn gurşaw) köp mazmunlylyga eýe bolmak bilen, terbiýe işini has-da çylşyrymlaşdyrýar. Okadylyş amalyýetinde bu üç tutum - okatmak, ösüş we terbiýe

aýrylmaz baglanyşykly bolup, olaryň biri beýlekisiniň dowamydyr.

**Okatmagyň düzüm bölekleri:** 1. Maksadalaýyklygy . 2. Mazmun aýratynlygy. 3. Barlag-kadalaşdyryş bölegi. 4. Höweslendiriş düzümi. 5. Bahalandyryş we netije çykaryş düzümi. Esasy maksat-okuwçylary belli bir maksada gönükdirmekden, olara ylmyň täze açyşlary bilen içgin tanyşdyrmakdan, bilimleri ele almagyň özboluşly ýollaryny öwretmekden, nazary bilimlerden amaly işlere geçmekden we bilim-başarnyklary bahalandyrmakdan ybaratdyr.

**Okuwçylaryň okuw-bilesigeljilik işinin esaslary.** Okuw işi guralanda psihologik kanunalaýyklyklardan ýerlikli peýdalanmaly: 1. Kabul ediş - okadylýan dersiň many-mazmuny taýdan özleşdirmek. 2. Yatda saklamak, galdyrmak, berkitmek, zerur bolan wagtynda ýatda dikeltmek. 3. Alnan bilimleri ýerlikli peýdalanyp bilmek. 4. Yzygiderli bilimleri, başarnyklary, endikleri kämileşdirmek. Yokarda goýlan wezipeleri üstünlikli çözmek üçin, "Pedagogik psihologiýany" gowy bilmeli, okuw-terbiýeçilik işlerini guramagyň ýollaryny aýdyň kesgitlemeli. Her bir ders boýunça işlenilip düzülýän okuw maksatnamasy, okuw meýilnamasy, okuw kitaplary, okuw gollanmalary pedagogik-psihologiýanyň esasynda düzülmeli.

**Okuw tutumy hakynda düşünje.** Bilim berşiň öňde baryj'y tehnologiýasyny amala aşyrmak mugallym bilen okaýanyň bilelikdäki işiniň maksadyny we gymmatlyklaryny, olaryň akyl ýetiriş tutumy bilen aralaşdyrylan aragatnaşygyny düýpli derňemegi talap edýär. Dürli ýumuşlaryň we meseleleriň gündelik çözlüşini üznüksiz aragatnaşyk hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Käbir psihologlar aragatnaşygy söz üsti we söz üsti däl özara täsirleriň esasynda şahsyýetara gatnaşyklaryň ösdürilýän we berkidilýän tutumy görnüşinde kesgitleýärler. Bu gatnaşyklar ulgamlaýyn

häsiýetde bolup, durmuş gurşawyna we medeniýete baglylykda ösüp, ýekebara-indiwidual we bilelikdäki iş tutumynda ýüze çykýar.

Okaýanyň ösüşiniň bütewi işjeňlik ulgamy mazmunda düşünilýändigi mynasybetli aragatnaşygyň her bir täze ýagdaýy özünden öňküden tapawutly bolup, täze maglumatlar döretmek arkaly akyl ýetirişi täze derejä götermelidir. Aragatnaşygyň pursatlaýyn we durnukly yzygider görnüşleri boiup, olaryň hereketlenişi pedagogiki ýagdaýa laýyklykda özboluşlydyr. Pedagogik ýagdaý aragatnaşyk hökmünde habar beriji (mugallym), onuň söz üsti ýa-da söz üsti däl sözleýşi, kabul ediji (okaýan) we yza dolanýan baglanyşyk (okaýanyň mugallymyň aýdýanlaryna düşünişi boýunça alynýan maglumatlar) ýaly düzüjileri özünde jemleýär.

Pursatlaýyn aragatnaşygyň maksady okaýanyň höwesini üpjün etmek bolup, onuň gazanylyşynyň çaltlygy okuw ýagdaýynyň ähli taraplarynyň özara täsirine baglydyr.

Pedagogik iş pursatlaýyn häsiýetdedir. Gündelik işde mugallym ol ýa-da beýleki terbiýe çäresiniň gidişinde näme boljakdygyny hemişe çaklap bilmeýär. Yöne ol aragatnaşyk ýagdaýyny meýilnamalaşdyryp, aragatnaşygyň usullaryny saýlap, pursatlaýyn gatnaşyklary göz öňünde tutmalydyr. Bu oňa aragatnaşykda dartgynly ýagdaý döräýende oňa bada-bat jogap bermäge kömek edýär. Pedagogikada pursatlaýyn gatnaşyklaryň durmuş-at-abraý, arkalaşyk, orunly, duýgy-ahlak, döredijilikli özara täsir, dialogik, meseleleýin ýaly dürli görnüşleri bardyr. Yöne olaryň ählisi şahsyýetleriň özara täsiri netijesinde wagt ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Bu bolsa öz gezeginde aragatnaşygyň maksadyna täsir edýär. Mundan başga-da kemalyýet ýagdaýa mugallymyň şahsyýeti, öňden dörän gatnaşyklar güýçli täsir edýär.

**Tenhiki serişdeler:** 1. Audio (ses) ýazgylary (magnitofon, radio); 2.Wideo (şekil) diafilm, wideofilmler; 3. Elektron hasaplaýyş maşynlary. Köpçülikleýin we özbaşdak ulanyp bolýar.

**Interaktiw okadylyşyň usulyýeti:**Islendik maglumatyň özleşdirilişi adamyň paýhasynda öňden bar bolan manydaş ýa-da oňa golaý pikir-düşünjeler bilen baglanyşyklykda amala aşyrylýar. Döwrümizde giň gerim alýan interaktiw okadylyş mugallymdyr, usulyýetçileriň bir böleginde öňki aýdyň-görkezme usulynyň dowamy görnüşinde kabul edilse, başga bir topary ony programmirlenen okadylyşyň ýokary tilsimat üpjünçiliginde guralyşy hökmünde häsiýetlendirýär. Okatmagyň nazaryýeti bilen iş salyşýanlar bu usulyň meseleleýin(problemalaýyn), hususy derňew okadylyş usullaryny-da nusgalaşdyrmak(modirlemek) mümkinçiligini nygtaýarlar. Bu usulyň deňeşdirilme bahalandyrylyşynda ilkinji nobatda onuň ähli beýleki okadylyş usullarynda mugallymyň gözegçilikli dolandyryşynyň çäginden daşda galýan hadysalary aýdyňlaşdyrmak oňaýlyklary häsiýetlendirilmelidir.

Mälim bolşy ýaly, mugallym esasan maglumatyň şahsyýet tarapyndan kabul edilýän we onuň jogap gaýtarmasy görnüşinde alynýan “giriş-çykyş” kesimlerindäki görnüşleri bilen ýüzbe-ýüz bolup, maglumatyň paýhas ulgamyndaky geçýän “ýoly” onuň gös-göni gözegçiliginden daşda galýar. Tejribeli mugallymlar okuwçynyň (talybyň) daşky keşbinden öz düşündirişiniň näderejede özleşdirilýändigini kesgitläp bilýän-de bolsa, şeýle ukyby bolanlaryň öz sanlylygy, okadylyşda bir bada içki dünýäsine aralaşylmaly okuwçy-talybyň 25-30 we ondan-da köp bolmagy bu tutumy göz çeninde kesgitlemegiň mümkinçiligini daraldýar. Düşündiriş wagtynda mugallym interaktiw tagtanyň üsti bilen bir bada diňleýänleriň her biriniň öňündäki kompýutere aralyk sowallary gönderip, tagtada näçesiniň

dogry ýa-da nädogry düşünýändigi barada, bir tarapdan, jemleýji maglumat alsa, ikinji tarapdan ýalňyşlaryň kime degişlidigine we olaryň esasy aýratynlyklaryna göz ýetirip bilýär.

Başga bir tarapdan, berilýän sowallara jogabyň dogrulygy onuň haýsy paýhas mehanizmi - ýat ýa-da pikirlenme boýunça amal edilendigini anyklap bilmeýär. Şeýle seljermäniň ähtibar usuly şahsyýetiň özleşdiren bilim-düşünjesini üýtgedilen şertlere ýaýradyp bilmek başarnygyny ýüze çykarmakdyr. Mugallym bu başarnygy interaktiw tagtanyň üsti bilen degişli bilim-düşünjeleri üýtgedilen şertler bilen baglanyşdyrýan sowallary okaýanlara ugratmak arkaly aýdyňlaşdyrýar.

Tutuş synp (ýa-da topar) boýunça bilim özleşdirilişiň oňyn netijeliligini gazanmak zerurlygy okatmagy deňleşdirilen synplarda ýa-da synp(topar) içindäki döredilýän kiçi toparlarda guramak ýaly usullary döredipdi. Bu usullarda özleşdirilişiň netijeliligiligi synp, topar derejesinde belli bir derejede gazanylýan hem bolsa sowal dogrusynda her bir aýratyn şahsyýetiň umumy çözlüşe goşandy, onuň bilim-düşünje derejesi nämälim bolup galýardy. Interaktiw okadylyşda okaýanlaryň dürli ukyp derejelerine uýgunlaşdyrylan programmalar easaslandyrylyp, bilim özleşdirilişiň depginine laýyklykda ýumuşlaryň çylşyrymlylygy we maglumatyň aýdyň-görkezme serişdelerine baglanyşdyrylyşy çeýe özgerdilip, temany hemmeleriň özleşdirilmekligi gazanylýar.

Eýsem interaktiw okadylyşyň didaktiki strategiýasy nämeden ybarat? Bilim özleşdirilişiň ýönekeýden çylşyrymlylyga, aýdyň-görkezilişden sowa-abstraktlyga ugrukma düzgüni bu usulyň okuw prosesindäki baş ugruny kesgitlemekde belli bir ýörelge bolup hyzmat edýär. Okatmagyň deslapky wagt kesimlerinde okuw materialynyň aňladylyşyny ýönekeý sözlemlerde bermek, pikir beýanyny natural zatlara, keşplere baglanyşdyrmak bilim özleşdirilişi düýpli

ýeňilleşdirýär. Okaýanlaryň bilim düşünjeleri özleşdiriş işiniň ilerlemegi bilen temanyň esasy mazmunyny açmak, iş-ýumuş tabşyrmak aýdyň serişdelere baglanmakdan yzygider boşap, häsiýetlendirilýän mazmunyň umumy we düýpli sypatlaryny özünde jemleýän çugdam söz utgaşmalarynda, sözlemlerde bermeklik maksadalaýykdyr. Okadylyşyň guralyşynyň soňky agzalan derejesinde interaktiw tagtasynyň aýdyň görkeziliş üçin ulanylyşy kem–kemden mugallymyň sözüsti döredýän aýdyňlygy bilen çylşyrylyp, soňky derejelerde bolsa maglumaty esasan sowa-abstrakt pikirlenmede aňlatmak we hut şol hörpde okaýan şahsyýetiň kabul ediş-özleşdirilişini gazanmak görnüşinde guramak okadylyşyň matlaby maksadydyr.

Şeýlelikde hususy didaktiki jähtden interaktiw okadylyşyň ösýän şahsyýete bilim öwretmek işindäki oňaýlylygy özleşdirişiň içki paýhasy döredijilerini, onuň psihologik mihanizmlerini daşky aýdyňlykda nusgalaşdyryp, mugallym üçin onuň döredijilikli dolandyrmagyň elýeterliligini döretmek, okaýanlaryň bilim derejelerine, geçirilýän maglumatyň kabul edilişiniň we özleşdirilişiniň depginine laýyklykda okuw materialyny aýdyň daýançlara baglanyşdyrmakdan sowa-abstrakt düşünjelerde aňlatmaklyga geçmeklik, okaýan şahsyýetiň özleşdiren bilim-düşünjelerini täze şertlerde ulanmak başarnygyny gözegçilikli kemala getirmek ýaly hadysalaryň töwereginde jemlenýär.

Adamzadyň taryhy ösüşinde onuň öz zähmet işini guraýşynda aýratyn bir kanunalaýyklyk aýdyň göze ilýär. Ol zähmet işiniň maksat, motiw (meýil), alnyp baryş usuly, predmeti ýaly düzüjilerinden üçünjisini - onuň amal ediliş usulyny mümükingadar mehanizmlere geçirmek meýil-ugrukmasy bilen baglanyşyklydyr. Ilki-ilkiler pil bilen depilýän ýeriň soňra öküz, at goşulan kündede sürülmegi, çörek ýapylyşynyň ilkiler hamyry göni köze goýmakdan has giçki döwürlerde un, suwuny salsaň galan

işini özi oňarýan mikrotolkunly peçlerde guralmagy, hasap işiniň ilki çot, arifmometr, soň-soňlar çylşyrymly hasaplaýjy maşynlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilmegi we beýlekiler. Bu prosesi ynsanyň işiniň başgada köp taraplarynda synlamak bolýar. Zähmetiň akyl we fiziki görnüşlere dargamagy onda mehanizmleri ulanmagyň usulyny-da aýrybaşgalaýar. Predmeti maddy häsiýetdäki işlerde alnyp barlyş usulyň mehanizmleşdirilmegi aýdyň gözegçilikde guralyp hem-de dolandyrylýan bolsa, akyl zähmeti ulgamynda adamyň göze görünmeýän içki paýhas işini mehanizmlere geçirmeklik ony daşky predmet, gural serişdelerde nusgalaşdyrmak görnüşinde guramaklyk ýörelgesi esaslandyrma aldy. Bu ýagdaýda içki akyl işiniň daşky predmet serişdelerinde nusgalaşdyrylyşy onuň doly mazmunyny bermeýän hem bolsa, bu işiň mehanizmleşdirilmeginde ýetilen sepgit jemgyýetiň şol ösüş derejesinde zerur hem-de ýeterlik hasaplandy.

Adam pähiminiň barlygyň ýadro-molekulýar, elektron gurluşyna aralaşmagy bilen akyl işini mehanizmleşdirmek işiniň çendan ilerlemegine giň ýol açyldy. Elektron-hasaplaýjy maşyn (EHM) diňe bir başlangyç şertleri anyklanan çylşyrymly ýumuşlary çözmek guraly bolman, köp derejede adamyň beýnisiniň işiniň nusgasy hökmündäki bitirmeleri berip ugrady. Zerurlyk ýagdaýda öz-özüne komanda (buýruk) berip, ony özbaşdak ýerine ýetirmeklik - bu has ýönekeý hem bolsa, sözüň belli bir manysynda maşynyň özbaşdak maksat goýup, ony amal etmek hyzmatydyr. Bilşimiz ýaly, maksat goýmak köp wagtyň dowamynda ýeketäk adamyň erkinde galaýn tutum hasaplanýardy.

Işi mehanizmleşdirmeklik bilim beriş ulgamyna degişlilikde ýaňy ýakyna çenli onuň hususy içki prosesine onçaky aralaşyp bilmän, okaýanyň bitirýän ýumuşlarynyň diňe möçber, çaltlyk taraplarynyň has ýokary derejelerini upjün etmek ýaly oňaýlyklar döretmekde çäklenýärdi.

Okadylyşy guramaklygyň interaktiw, multimediýa usullarynyň özleşdirilmegi bu ugurda aýgytly hil özgertmelerini gazanmaklyga mümkinçilik berdi. Bu usulda hut mehanizmiň üsti bilen gazanylan hadysa - okaýan şahsyýetiň bilim özleşdirişine onuň netijesi boýunça däl-de, hut gidýän proses - pursatynda gözegçilik edip, zerur düzedişler girizip, ony çeýe dolandyrmaklykdyr. Interaktiw usulda mugallymyň öz öňündäki tutuş toparyň (synpyň) bilim özleşdirişini dolandyrýan jemleýji kompýuteri arkaly okuwçylaryň özleşdiriş depginine laýyklykda okuw materialyň möçberini, çylşyrymlylygyny, aýdyňlyk derejesini, temanyň ugurdaş derslerdäki mazmunlar bilen arabaglanyşygyny anyklamak ýaly ýüzünugra özgertmeler girizmeklik öňler köp derejede tapgyrlaýyn amala aşrylýardy. Bu usulyň özleşdirilmegi bilim-düşünje özleşdirişde mugallymyň göni gözegçiliginiň çäginden daşda galýan başgada köp taraplaryna aralaşmaklygy elýeter etdi.

Okuw işiniň şeýle mehanizmleşdirilişi onuň dolandyrylyşyny dolylygyna diýen ýaly aýdyň gözegçilige tabyn eden hem bolsa, bu tutumdaky birnäçe meseleler entek öz doly çözgüdini alan däldir. Okuw materialynyň ýat bekläp ýa-da pikirlenme esasda paýhasa goşulýandygyny takyk seljermeklik şeýle meseleleriň hataryndadyr. Bilim-düşünjeleriň özleşdirilişi olaryň diňe netije häsiýetnamasy boýunça seljerilende entek olaryň haýsy mehanizm boýunça we nähili özleşdirilendigi entek doly aýan bolman galýar. Okaýan şahsyýetiň temanyň esasy mazmunyny talabalaýyk söz düzümlerinde aňladyşynda oňa düşünip (pikirlenmede), ýa-da ýat bekläp (düýp mazmuna aralaşmazdan) paýhasa geçirenligi gös-göni görünmeýär. Şol bir wagtda hut şu mesele - özleşdirişde pikiriň ösüşiniň ýa-da ýadyň göwrüminiň ýokarlanandygyny takyklamaklyk bilim beriş işi

jemgyýetçilik zähmetiniň özbaşdak görnüşi hökmünde guralmagy bilen ör boýuna galan meseledir.

Elbetde, mugallym özleşdirilen bilim-düşünjeleriň pikirlenmede ýa-da ýat beklemede gazanylandygyny anyklamak üçin interaktiw tagtasyndan talyplaryň (okuwçylaryň) her birini şol bir ýumşuň çözgüdini üýtgedilen şertlerde ulanmak boýunça goşmaça tabşyryklara ugrukdyryp bilýär. Ýöne bu tabşyryk olar tarapyndan düýpgöter täze ýumuş görnüşinde kabul edilip, olarda ýadawlyk, işe girişip bilmezlik ýaly duýgy-gatnaşyklary döredýär. Bilim berşiň hut gidýän pursatynda okuwçynyň pkirlenmä daýanyp (predmet, hadysalaryň umumy we düýpli sypatlaryny ýüze çykarmak görnüşinde) abstrakt düşünjelerde bilim özleşdirilişini gazanmak zerurlygy interaktiw okadylyşyň guralyşyna düýpli özgertmeleri girizmekligi talap edýär.

Bu özgertme ýokary akyl etiriş hadysasy bolan pikirlenmäniň esasy alamatlaryna laýyklykda esaslandyrylmalydyr. Ýokarda agzalandan görnüşi ýaly pikirlemäniň mazmun dörediji häsiýeti onuň predmetdir, hadysalaryň umumy we düýpli supatlaryny aňda şöhlelendirmegidir. Predmetiň düýpli sypatynyň ýeketäk özi hakynda gürrüň edilmän, onuň umumy sypatynyň-da agzalmagy predmetiň düýpli many-mazmunynyň onuň umumy häsiýetiniň üsti bilen, umumylygy düýplülik arkaly inkär etmek arkaly ýetilýänligi bilen baglanyşyklydyr. Meselem, “deňiz – bu suwly territoriýadyr” aňlatmasynda deňiz entek düýli sypatda kesgitlenen däldir. Onuň düýpli sypatyna aralaşmak üçin bu kesgitlemä esas bolup duran umumy sypaty (“suwly territoriýa”) inkär etmeli bolýar: “deňiz bu suwly territoriýadyr”, “emma islendik suwly territoriýa deňiz däldir”. Bu ýerde deňziň düýpli sypatlarry bolan onuň çuňlugy, giňligi, bol suw ätiýajynyň durnuklylygy we beýlekiler kesgitlemä girizilmese pikir ýöretmäniň öz doly manysyna eýe bolup bilmeýänligi göz öňünde tutulýar.

Şeýle düşündirişden soňra okadylyşyň ýokary usulyýet derejesi bolan abstrakt düşünjelerde bilim özleşdirmekligi interaktiw usulynyň serişdeleriniň arkaly guramakdaky göz öňünde tutulýan usulyýet özgertmäni aşakdaky görnüşde häsiýetlendirmek mümkin. Okadylyşyň deslapky döwürlerinde talyba (okuwça) her bir özleşdirilýän jemleýji düşünjäniň umumy sypaty meňzeş, düýpli sypaty bolsa aýrabaşga düşünjesini tapdyrmak boýunça ýumuş tabşyrmak. Meselem, zoologiýada suw haýwanlarynyň wekili hökmünde kit-läheň özleşdirilende, kite umumy sypaty boýunça meňzeşi balyk (suwda ýaşaýanlygy, ýüzgüçleriniň bolmagy we ş. m.), düýpli sypaty boýunça meňzeşi bolsa süýtemdirijilerdir; bu ýerde kit we balyk umumy sypaty boýynça meňzeş, düýpli sypaty boýunça bolsa tapawutlydyr. Ýa-da natriý we ýod, edil metal ýaly ikisi-de kümüş ýalpyldylydyr. Ýöne düýpli sypaty boýunça Na metal, Io bolsa galogendir. Biri (Na) elektronlaryny berýär, ýod bolsa kabul edýär, biri elektrik togyny geçirýär, beýlekisi bolsa geçirmeýär (spirtli gurşawda bolaýmasa). Ewolýusiýa we rewolýusiýa düşünjeleriň umumylygy - ikisinde-de üýtgeşme, özgertmeleriň bolmagy, degişli hadysanyň ahyr netijede hil taýdan üýtgeşik görnüşe geçmegidir. Düýpli sypaty boýunça aýrybaşgalygy bolsa - birinde (ewolýusiýada)özgerşiň örän uzak wagt kesiminde, kem-kemlik düzgüni boýunça ýetilip, rewolýusiýada bolsa onuň bada-bat ýumrulyş esasynda gazanylmagydyr.

Kem-kemlik düzgüninden ugur alyp, ikinji döwürde okaýan şahsyýete pikir ýöretmeleriň umumy sypatlary boýunça meňzeş we düýpli sypatlary boýunça tapawutly nusgalaryny tapdyrmak. Pikir ýöretmä ol ýa-da beýleki zat dogrusynda haýsadyr bir mazmunyň ykrar ýa-da inkär edilmegi manysynda düşünip, talyba (okuwça), aýdaly, Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet halk üçindir” atly şygara öwrülen pikirine umumy manydaş pikiri we

ýurt ýolbaşçysynyň bu sözleriniň düýp manysyny seljertmek. Bu pähimiň mazmunyny iki ugurda yzarlamak mümkin. Birinjiden, muňa ugurdaş, ýöne düýpli häsiýetnamasy boýunça tapawutlanýan pikir hökmünde “Ähli zat adam üçindir” şygary almak bolar. Bu çendan giň pikir ýöretme öz gezeginde döwleti hem içine alýan ýaly. Bu hakykatdan-da şeýle. Ýöne ýörite nygtalmasa, halk köpçüligi öňki totalitar düzgünininiň öwrendekliginde döwleti ähli zatdan ýokarda durýan, adaty gymmatlyklaryň hatarynda däl-de, adamyň üstüne abanýan hadysa hökmünde kabul etmekligi mümkindir. Hotmatly Prezidentimiz Beýik Galkynyşlar eýýamynyň bäş durmuş maksatnamasy görnüşinde öňler “bu näme?” diýen sowala degişli edilmän, adatdan daşary hökmürowanlyk instituty hökmünde kabul edilip gelnen döwleti adaty raýatyň hajatlaryna hyzmat etmeli gurluş mazmundaky ýörelgäni jemgyýetçilik pikirine ornaşdyrdy. “Döwlet adam üçindir” şygarynyň düýp manysy we özboluşlylygy şundadyr. Pikirimizi muňa manydaş ýene-de bir şygaryň seljerilmesinde dowam edeliň. “Döwlet adam üçindir” pähimini “Hemme zat döwlet, Watan üçindir” mazmundaky şygar bilen baglanyşyklykda seredeliň. Bularyň ikisi-de aňrybaş hakykat bolup, ýöne olaryň biri ata Watana howp abananda aýgytlaýjy bolup, ikinjisi bolsa ýurt ähli ugurlar boýunça pajarlap ösýän döwründe bu ösüşi meýesserleýän raýatlara durmuşyň ähli hözürini bermek aladasy bilen baglanyşyklydyr. Ýa-da “Bir ýagşylyk etse adam biweji. Her meýlisde ýüz müň tile getirmiş”( Magtymguly) pikiriniň belli bir jähetde umumy, düýp manysynda bolsa aýrybaşga mazmuny hökmünde “Ýagşylygyňy ile ýaý”, “Özüňe kemlik bil aýtmak öleniň” pähimlerini görkezmek bolar.

Üçünji tapgyrda şeýle ýumşy pikir jemlemäniň mysalynda çözdürtmek maksadalaýykdyr. Pikir jemlemäni logikada kesgitlenilişi ýaly bir pikir ýöretmeden ikinji birini getirip çykarmak görnüşinde

alsak, onda ýokardaky pikir ýöretme boýunça pikir jemlemek şeýleräk häsiýetde bolýar:

Aýdaly, bir adam her märeke-meýlisde özüniň köp hudaýoly berýändigini, ile ýagşylyk edýändigini aýdýar. Diňe märekede däl, aýratyn adamlara duşanda hem ol şu gürrüňi aýdýar. Muny eşiden, onuň duz-hödürini dadan adamlar müýnli ýagdaýa düşýärler. Bu pikirden gelip çykýan ikinji bir pikir: " Ýüz müň minnet bilen berlen aşdan // Iýseň tagam bermez dahana ýagşy" (Zelili) pähimidir.

Ýa-da "baş şähere" kesgitleme bermekde umumy we düýpli sypatlara seljeme berdirmek:

I. Bu şäher ilatynyň sany, tutýan territoriýasy boýunça şu ýurtdaky şäherleriň iň ulusydyr. Onda iň uly senagat kärhanalary, önümi gaýtadan işleýji zawodlar bar. Iň uzyn köpriler, iň belent jaýlar hem bu ýerdedir.

2. Bu şäherde köp sanly ýokary we orta bilim mekdepleri hem-de ylym ojaklary bar. Şeýle hem halkara aeroporty, halkara forumlar geçirilýän edaralary bar.

3. Bu şäheriň ilatynyň sany ýurtda ýokarky orunlarda. Onda ýokary we orta bilim berýän mekdepler bar. Şeýle hem onda döwleti dolandyryş edaralary, Prezident köşgi, Ministrler Sowetiniň kabineti ýerleşýär.

Göräýmäge bu hatarda 1-nji we 3-nji kesgitlemeleriň ikisi-de baş şähere laýyk ýaly. Ýöne pikir jemlemeleriň umumy däl-de, düýpli sypatlary yzarlansa, hemme zat öz ornuna geçýär.

Okaýan şahsyýete jemleýji düşünjeleriň garşylykly düýpli mazmunlylary tapdyrylanda alynjak düşünje diňe bir inkär ediji aýrabaşgalykda bolmaly däldir.Ol teklip edilýän düşünjäniň düýpli sypatlar boýunça garşylykly aýrabaşgalygyny özünde jemleýän düşünje bolmalydyr. Meselem, "namazly - täretli adam" diýlende onuň garşylykly manysy hökmünde "binamaz" düşünjesinde çäklenip bolmaz.

Bu ýerde namazly adamyň beden-fiziki, ruhy-paýhas ruhy-ahlak tämizligi, özüni alyp barşynyň salyhatlylygy ýaly düýpli häsiýetleri esasy many döredijilerdir. Haýsydyr bir oňaýsyzlyga görä şeýle adam namazyny daşky hereketde däl-de, diňe içki pähim-paýhas giňişliginde berjaý edende hem ol şol "namazly-täretli" häsiýetnamasynda galýar. Esasy zat şeýle adamyň öz iş-durmuş gatnaşyklarynda özüniň göni borjy bolup durýan hünär işini kössiz berjaýlamak bilen bir hatarda beýlekilere tamakinçiliksiz goldawda bolmak ýaly ahlaklygy amal edýänligidir. Edil şonuň ýaly-da "binamaz" düşünjesine laýyk adamyň düýpli sypaty parz namazlaryna eglip galmazlyk däldir. Adamy onuň ynsanyýet urugyna degişliligi üçin hormatlap bilmezlik, beýlekilere goldaw-hormaty diňe olardan geljek bähbide barabarlamak, sözleýşiň yzgytsyzlygy, özüni alyp barşyň kadasyzlygy, oýlanyşyksyz meýil-hyjuwyna gaýtawul alsa kişi göwnüne degmekligi we beýlekiler binamaz adamyň özeni sypatlarydyr. Şeýle adamyň il gözüne namaza eglip galmasy ony binamazlykdan boşatmaýar.

Okaýan şahsyýete düýpli mazmun dörediji jemleýji düşünjelere, pikir ýöretme, pikir jemlemelere edil şonuň ýaly düýpli garşylykly mazmunly düşünjeleri, pikir ýöretme, pikir jemlemeleri tapdyrmak boýunça okadylyşy interaktiw usulda guramaklyk köp derejede programmirlenen usulyň şahalandyryşly görnüşine meňzeşlikde nusgalaşdyrylyp bilner. Täze tema geçilip, talyplar (okuwçylar) bilen indiki sagatda sorag-jogap guralmagynyň yzysüre mugallym berkidiji sapak görnüşinde öz kompýuterinden her bir talybyň (okuwçynyň) indiwidual kompýuterine ýokarda görkezilenler ýaly temanyň jemleýji düşünjeleriniň, pikir ýöretmeleriniň we pikir jemlemeleriniň düýpli mazmunlaryna laýyk olaryň düýpli mazmunyndaky garşylykly düşünjeleri, pikir ýöretmeleri, pikir jemlemeleri tapmak boýunça ýumuşlary ugradýar.

Okuwçylar (talyplar) ilkinji birnäçe sapagyň dowamynda bu ýumşuň çözlüşi bilen tanyşdyrylyp, olarda bu barada belli bir endikler döredilýär. Okuwçy (talyp) ýumşuň teklip edilen nusgasyny çözüp bilmese, öň öwredilişi ýaly, öz kompýuterinde ýumşuň ýeňilleşdirilen gapdal, kömekçi şahalalaryna geçip, degişli kömegi alyp bilýär. Ýumşuň çözülişine berlen wagt tamamlanandan soňra mugallym okuwçylaryň has takyk çözgüt alanlarynyň jogaplaryny synp tagtasynyň ýanyndaky umumy ekrana geçirip, tutuş topary (synpy) olar bilen düşündirişli tanyşdyrýar.

Beýan edilen okadylyş usuly okaýan şahsyýeti, bir tarapdan, kem-kemden aýdyň görkezme esbaplara daýanmakdan boşadyp, özleşdirilişi has ýokary sowa-abstrakt pikirlenme derejesinde guramaga ýardam edýän bolsa, ikinji tarapdan, okadylyşyň has ýokary - bölekleýin agtaryş, problemalaýyn, derňew seljermesi häsiýetli derejelerinde hem tehniki serişdeleri üstünlikli ulanylyşa girizmäge mümkinçilik berýär. Bu usulyň bilim özleşdirilişde wagt tygşytlamak, uly möçberdäki maglumaty bada-bat kabul etmek, ýumşuň çözlüşi kynlaşanda gapdal maglumat çeşmelerinden goldaw almak, iň möhümi - bilim-düşünjeleri daşky belgi aňladyş tarapyndan ýat bekläp däl-de, hususy many-mazmun jähtden pähim paýhasa ornaşdyrmak ýaly artykmaçlyklary ony bilim berşiň ähli ugurlaryna we derejelerine ýaramly edýär.

## 6-njy bap. OKUW TUTUMYNYŇ ESASY WE ONUŇ KANUNALAÝYKLYKLARY

### Okatmagyň usullary we tärleri hakynda.

Ýokarda agzalan okadylyşyň düzgünleriniň hakyky amalyýetde amala aşyrylyşy okatmagyň usullary bilen baglanyşyklydyr. Alym -mugallymlar okadylyş tutumyny synlap, okadýanyň we okaýanyň isiniň iňňän köpdürlüligine üns berýärler. Bu işleriň görnüşini

okatmagyň usullary diýip atlandyrýarlar. "Usul" adalgasy grekçeden "methodos" - hakykata golaýlaşmagyň ýoly, usuly diýmekdir. Pedagogik amalyýetinde usul okuw-terbiýeçilik maksatlaryna ýetmekligiň kadalaşdyrylan tärleri mazmunda kesgitlenýär. Gadymyýetden bäri öýkünmeklige esaslanan okadylyş usullary agdyklyk edipdir. Mekdebiň esaslandyrylmagy bilen söz üsti usullar ýüze çykyp, ol orta asyrlarda aýgytlaýjy orna eýe bolýar. Söz maglumaty esasy göteriji, kitap boýunça okatmak bolsa bilim berşiň esasy wezipesi hasaplanýardy.

Beýik açyşlaryň we oýlap tapylyşlaryň eýýamynda bilimi amalyýetde peýdalanmaga mümkinçilik berýän aýdyň-görkezme usullary ösüşe eýe bolýar. XIX-XX asyrlaryň çatrygynda "işiň üsti bilen okatmak" atlandyrylýan taglymat uly gyzyklanma döretdi. Onuň tarapdarlary okadylyşyň amaly usullaryny ulanýardy.

Mugallym okadylyşy guramagyň okuw beýanet, tejribelikler, gezelenç, işewür oýunlar, sosial-psihologiýay türgenleşik ýaly dürli görnüşlerini ulanyp bilýär. Islendik usulyň ähliumumy däldigi sebäpli, olaryň diňe toplumlaýyn ulanylyşy garaşylýan netijäni berip biler. Dürli alymlaryň usullary bölümlere bölmegiň dürli şert-esasyny ulanmagy olaryň dürli görnüşlerini döredýär.

**Okatmagy bilimleri özleşdirmegiň çeşmesi boýunça bölümlere bölmek has giň ýaýrandyr. Oňa laýyklykda:** söz üsti usullar (çeşmesi -sesli ýa-da ýazmaça söz); aýdyň - görkezme usullary (çeşmesi synlanylýan zatlar, hadysalar, aýdyň gollanmalar); amaly usullar.

**Okatmagyň usullaryň we tärleriniň toparlara bölünişi.** Belli bir döwürde söz üsti usullar bilim bermegiň ýeke-täk diýen ýaly usulydy. Her taraplaýyn ösüşiň tarapdary bolan pedagoglar (Ya.Komenskiý we beýl.) bu tutumyň bir taraplaýynlygyny görkezip, üstüniň

beýleki usullar bilen ýetirilmek zerurlygyny nygtap-çykyş etdiler. Häzirki wagtda söz iisti usuly köplenç könelişen, "işjeň däl" hasaplaýarlar. Ýöne onuň mümkinçiligine obýektiw baha berilmelidir. Söz üsti usullar örän gysga wagtyň dowamynda uly göwrümdäki maglumaty okaýana geçirip, onuň öňünde meseleier goýup, olaryň çözlüş usullaryny salgy bermäge mümkinçilik berýär. Söz hyýaly, ýady we duýgyny işjeňleşdirýär.

**Söz üsti usullara beýanet-umumy okuw, gürrüň bermek, söhbet,çekişme, kitap bilen işlemek degişlidir.** YOM-de kitap we okuw gollanmalary bilen işlemek okadylyşyň möhüm usulydyr. Çap edilen çeşmeler bilen özbaşdak işlemegiň birnäçe tärleri bardyr. Olaryň arasynda: ýazga geçirmek-konspekt, okalany gysga ýazmaça beýan etmek; tekstiň meýilnamasyny düzmek; nutuklaşdyrmak-okalanyň esasy pikirlerini gysga beýan etmek, çykgytlar almak, tekstden gös-göni bölekler almak; annotirlemek - jemlemek - okalany onuň düýpli manysyny ýitirmezden gysgaça beýan etmek; syn ýazmak-okalana öz garaýyş-gatnaşygyňy gysga aňlatmak; resmi-mantyk (logiki) nusga döretmek-okalany söz-ülňüleýin şekillendirmek; mowzuglaýyn tezaurusy-mowzug boýunça özeni jemleýji düşünjeleriň kadalaşdyrylan toplumyny döretmek: aňyýetleriň matrisasyny — dürli awtorlaryň işlerindäki birmeňzeş zatlaryň we hadysalaryň deňeşdirme häsiýetnamasyny döretmek tapawutlandyrylýar.

Söz üsti usullar bilen baglanyşyklykda aýdyň-görkezis usullary ulanylyp, olar hem öz gezeginde illýustrasiýa (aýdyň-görkeziş gollanmalary görkezmek) we demonstratiw (enjamlar, tejribeler, tehniki abzallar, kinofilmler) görnüşlere bölünýär.

Täze tehniki serişdeleriň ornaşdyrylmagy (telewideniýe, wideomagnitofon, kompýuter) aýdyň-görkezme usullarynyň mümkinçiligini giňeldýär.

**Özbasdaklyk derejesi** boýunça aşakdaky gönükmeler tapawutlandyrylýar: a) gaýtadan dikeldiji (özleşdirileni berkitmek üçin); b) türgenleşdiriji (bilimleri täze şertlerde ulanmak maksady bilen).

Bu topardaky usullaryň esasy maksady amaly hereketleriň esasynda maglumatlar almakdyr. Käbir alymlar bu topara didaktiki oýunlar usulyny-da goşýarlar. Olaryň esasy düzüjilerine: okuw işiniň nusgalaşdyrylýan obýekti; oýna gatnaşyjylaryň bilelikdäki işi; oýnuň düzgünleri; üýtgeýän şertlerde netijä gelmek; ulanylýan çözlüşiň netijeliligi degişlidir. Oýnuň tehnologiýasy - bu meseleleýin okatmagyň tehnologiýasydyr. Onda maglumat daşdan gelip gowuşmaýanlygy üçin akyl ýetiriş işi öz-özi hereketlenýän, işiň hut öz içki önümi bolup durýar. Alnan maglumat täzesini döredip, bu üznüksiz hereket tä ahyrky netijä alynýança dowam edýär.

Okuw tutumyna bütewilikde çemeleşmek nazaryýeti esasynda onuň usullarynyň üç topary ýüze çykarylýar:

**1. Okuw-akyl yetiriş işiniň guralyş we amala asvrylvs usullary:** söz üsti, aýdyň — görkezme we amaly; böleklikden umumylyga -induktiw we umumylykdan böleklige-deduktiw; gaýtadan dikeldiji-reproduktiw we mesele-agtaryş hem-de özbaşdak iş usullary;

**2.Höweslendiriii we meyillendiriji usullar:** okamaga höwes, okaýyşda borç we jogapkärçilik duýgusy;

**3. Gözegçilik we öz-özüňe gözeşçilik usullary:** sesli, ýazuw we tejribehana laboratoriýa - tejribelikleri.

Okadylyşyň usullarynyň bölümlere bölünişiň beýleki görnüşleri-de bardyr. Olaryň ählisi işjeň däl bilim-düşünjeleri işjeňlige öwürmeklige, täze bilimleriň özleşdirilmegine we amalyýetde ulanylmagyna ýardam etmeklige niýetlenendir.

**Okatmagyň görnüşleriniň taryhy taýdan ösüşi.**

Okatmagyň görnüşleri-okuw işini guramagyň aýrylmaz böleg bolmak bilen okuwçylaryň bilimleri kämil derejede ele almaga ýakyndan ýardam edýär. Taryhy taýdan alanda:

1.Özbaşdak-toparlaýyn okatmak (b.e. öňki döwürden - XVIIl-a çenli);

2. Birek-biregi okatmak l798ý. Angliýada Bell-Lonkestr;

3. Okatmaklyga çeýe çemeleşmek ABŞ XIX a. ahyrynda (-gowşak-orta- oňat) okaýanlar.

4. Brigada-laborator 1905ý. ABŞ (Dalto plan).

5. Plan Trampa.XXa. başynda ABŞ okuwyň 40% - 100-150 okuwçy bolup okamak, 20% - 10-15 kiçi toparlarda, 40% - özbaşdak okap özleşdirmek;

6.Klas-sapak görnüşi XVIIIa. Y.A. Komenskiý tarapyndan girizilýär.

**Sapak 3 sany düzüm bölekden (elementden) ybaratdyr:**

1. Okuwçylaryň hemişeligi; 2. Yörite sanaw boýunça (raspisaniýe);

3. Belli bir meseläni çözmek (mowzugy geçme.

**Sapak:** l.Aýratyn sanawda görkezilmeli (raspisaniýe); 2.Okatmagyň hemişelik görnüşi. 3. Okuwçylaryň ählisiniň gatnaşmagy hökmandyr; 4. Agzybir synpy kemala getirmek. 5. Şahsyýetiň bilesigelijigini kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

**Sapagyň görnüşleri:** 1. Giriş sapagy; 2. Adaty sapak (kombinirlenen); 3. Barlag iş; 4. Berkidiji sapak; 5. Laborator, tejribe sapak; 6 . Jemleýji sapak.

**Sapagyn gurluşy:** (adaty sapak) 1. Guramaçylyk döwri; 2. Öý işini bermek; 3. Täze mowzugyň beýany; 4. Täze temany berkitmek (dilden,ýazuw); 5. Öý işini kesgitlemek (dilden,ýazuw); 6. Okuwçylary bahalandyrmak; 7. Sapagy jemlemek.

**Okatmaklygyň özboluşly aýratynlyklary.** Okatmak jemgyýetçilik-taryhy tejribäni maksada gönükdirilen häsiýetde ösýän nesle geçirmek, bilim, başarnyk,

endikleriň kemala getirilişini guramakdyr. Adatça okadylyşy mugallymyň sapak okatmagy manyda düşünýärler. Okatmak bu diňe mugallymyň okaýana berýäni däldir. Okatmak bu okaýanyň tutuş okuw jaýy, jemgyýet, mugallymlar, okaýanlar bilen özara täsirinde alýanydyr.

Eýsem sapak bermek okatmakdan näme bilen tapawutlanýar? Sapak bermek esasy ünsi okuw tutumynyň giriş bölümine - talyba näme berilýändigine, ýagny, okuw tutumynyň mazmunyna ( bilimlere, başarnyklara, endiklere) gönükdirýär. Okatmak bolsa esasy ünsi onuň çykyş bölegine - talybyň näme alandygyna gönükdirýär. Üstesine-de talybyň näme alandygy, özleşdirendigi onuň mazmuny ýa-da höwesi nukdaýdan däl-de, okatmagyň şahsyýetiň häzirki we geljekki işi üçin ähmiýeti jähtden bahalandyrylýar.

Sapak bermekde bilimler okuw dersleri ( aýry-aýry ýumuşlar, taglymatlar) arkaly kesgitlenýär. Okadylyşda bolsa bilimler, meseleler, anyk hereketlenýän tutumlar arkaly kesgitlenýär.

Sapagyň berlişi mugallymyň hadysalara we tutumlara garaýşyny şöhlelendirip, okadyyş bolsa okaýanyň nazaryýetini şöhlelendirýär. Mugallymyň garaýşy hemişe giň we çuň bolup, bu bilermen emininiň-ekspertiň garaýşydyr. Ol hemişe diýen ýaly dersiň logikasyna-mantygyna tabyndyr. Okaýanyň garaýşyna belli bir derejede ähmiýete ymtylyş, böleklilik mahsusdyr. Mugallymyň garaýşy esasan umumylykdan ýekelige (deduktiw), talybyňky bolsa ýekelikden umumylyga (induktiw) ugrukýan häsiýetdedir. Mugallym bilýänini öwredýär. Talyp özüniň entek bilmeýän we başarmaýan zadyny öwrenýär.

## 7-nji bap. OKUW TUTUMYNY ÖSDÜRMÄGE DEGIŞLI PSIHOLOGIK TAGLYMATLAR.

**Mugallymyň pedagogik-psihologik medeniýetiniň esasy sypatlary.** Mugallymyň özleşdiren gymmatlyklar ulgamy onuň sahsy-hünärmen ornuny kesgitleýär we etiki, psihologik gönükdirilmelerde ýüze çykýar. Olaryň arasynda iň möhümleri asakdakylardyr: okadylýanlara gatnaşygy: düşünmeklige ugrukma. duýgydaşlyk, okaýanlaryň çendan erkinligi we özbaşdaklygy, her bir okuwçynyň döredijiiik goruny ýüze çykarmaklyga ymtylyş; toparlaýyn (kollektiwleyin) işi guramaklyga gatnasvgy: adalat-demokratiki öz-özüňi dolandyrylyşyň ösdürilmegine ugrukma, toparlaýyn döredijilige, umumy işi diňe bir okuw jaýynda däl, onuň çäginden daşda, şol sanda öýde guramaga, kollektiwleýin durmnşyň däp-kadalaryny berjaý etmekiige gönükdirilme; mugallymyň öz-özüne gatnasvgy: okuw-terbiýeçilik işiniň üstünlikli guralmagyna alada etmeklige, hünär we şahsy ösüşe, öz-özüňi seljerişe ugrukma. Mugallymyň şahsyýetiniň beýieki sypatiary, gylygynyň we temperamentiniň aýratynlyklary, höwesleri we medeni derejesi-de onuň öz zähmetine bolan gatnaşygyna täsir edýär. Şol bir wagtda olar mugallymyň işiniň we aragatnaşygynyň indiwidual keşbini döredýär. Bu bolsa islendik döredijilik işinde, ýazyjy, aktýor, suratkeş, zurnalist ýa-da mugallymçylyk hünärinde örän möhümdir. Bu hünärleriň umumylygy olaryň indiwidual ýüze çykyşyndadyr (indiwiduallyk-gaýtalanmazlyk pedagogika sungatynyň hut tebigatyna ýugrulandyr). Pedagogik ussatlyk işiň üstünligini üpjün edýän möhüm düzüjisi mugallymyň pedagogik-psihologik medeniýeti, onuň okuw-terbiýeçilik ýumuşlaryny amalyýetde amala aşyrmaklyga taýýarlyk derejesi we onuň işinde guramaçynyň we terbiýeçiniň häsiýetleriniň aýrylmaz

utgaşmagydyr. "Taýýarlyk" düşünjesi pedagogyň pedagogik-psihologik medeniýetiniň esasy sypatlaryny aňladyp, olary aşakdaky görnüşlerde jemlemek mümkin.

Psiholosik-pedagogik sowatlylygy häsiýetlendirýän sypatlar we aýratynlyklar. Bu pedagoglaryň öz dersini we ony okatmagyň usulyny çuňňur bilmekligine möhüm hünär talabydyr. Dersi diňe erkin özleşdirmeklik okaýanlarda bilimlere, mugallyma we onuň talaplaryna höwes döredýär. Kähalatlarda "Mugallym ähli zady bilip bilmez. Bilmezlik aýyp däldir!" diýýärler. "Ähli zady" düşünjesi anyklanmasa bu pikiriň makullygy uly şübhe döredýär. Fizikden türkmen klassyk edebiýatyny doly göwrümde bilip, sapagyny keminden üç dilde okadyp bilmegini talap edip bolmaz. Edil şonuň ýaly-da edebiýat mugallymyna Eýnşteýniň çendanlyk taglymatyny bilmek hökman däldir. Ýöne mugallym haçan-da öz dersini bilip, onuň üstesine-de käbir başga bilimlerden hem baş çykarýan bolsa, onuň medeniýetine baha-da onuň hut şol hökmany talapdan ýokary düşünjeleri özleşdirişiniň çuňlugyna laýyklykda berilýär. Aslynda şol "talapdan ýokarylyk" okuwçylara öz mugallymynyň sowatlylygyna, bilimleriniň köptaraplaýynlygyna baha kesmäge esas döredýär. Mugallvmçylvk ussatlygynyň derejesini häsiýetlendiryän sypatlar we aýratvnlyklar. Okuwçylar mugallymyň diňe bir bilimlerini däl-de, onuň bilim-düşünjeleri gyzykly we düşnükli özlerine ýetirişini hormatlaýar. Mugallymyň bilimleri talyplara bermeklige höwesi we başarnygy, dersine gatnaşygy, oňa söýgüsi töweregindäkileriň hemişe üns merkezinde bolýar.

**Pedagogik ukyplaryň ösüs derejesini häsiýetlendiryän sypatlar we aýratynlvklar.**

Islendik işiň netijeliligi köp derejede adamyň indiwidual psihologik aýratynlygy bolan ukyplara baglydyr. Olar adamda işiň belli bir görnüşine

laýyklyk döredip, degişli bilim-başarnyklarynyň özleşdirilişini ýehilleşdirýär we özi şu işiň tutumynda ösýär. Mugallym hökmünde üstünlikli işlemek üçin kemalyýet ukyplar zerur bolup, olara kemalyýet pikirlenme, guramaçylyk ukyplary, şeýle hem nerw-psihologiýa ulgamyň çydamlylygy degişlidir. Soňky sypat kemalyýetçi hünäriniň adama salýan iňňän ýokary dartgynlygy mynasybetli ýörite nygtalmaga degişlidir. Kemalyýetçi üçin özüňi elde saklamak, ýerliksiz hereketleri togtatmak ukyby, çaltlygyň çözgüt tapyjylyk bilen utgaşmagy, emosionai-duýgy deňagramlylygy, öz duýgularyňa erk etmek başarnygy aýratyn möhümdir.

**Ahlak-duýgy terbiýeliligi häsiýetlendiryän sypatlar we aýratynlyklar.** Bu häsiýetler mugallymyh beýleki adamlara ýolbaşçylyk etmek, olary okatmak we terbiýelemek ýaly ahlak hukuklaryny döredýär. Okaýanlara hoşniýetli gatnaşykda bolup, olaryň keýp-duýgy ýagdaýyny syzmak, her bir talybyň psihologiýanamasyny bilmek, mugallymyň aýrylmaz sypatlarynyň biri bolan pedagogik salyhatlylygy kemala getirýär.

Pedagogik salyhatlylyk mugallymyň tapylgysyz hünär sypaty bolup, ol oňa pedagogik täsir serişdelerini ulananda duýgulary ýüze çykarmagyň çägini salgy berýär. Bu sypat özüňe erk etmek, takatlylyk, sowukganlylyk ýaly häsiýetler bilen baglanyşyklydyr. Bu hatarda pedagogik aragatnaşygy aýratyn orun tutýar. Haçan-da kemalyýetçi talyplardan birinji mugallymçylyk tejribeliginde iň kyn zadyň näme bolandygy soralanda olaryň 80% "Çagalar bilen umumy dil tapmak" diýip jogap berdiler. Aragatnaşyk guramaklygyh ihhän çylşyrymly meseledigini GDA ýurtlarynyň uly şäherlerinde "Jemgyýetçiik pikiri" maksatnamasy boýunça geçirilen derňewleriň netijesi hem tassyklaýar. (l.Soloweýçik S. Pedagogika dlýa wseh. M,1989.

s.306.). "Talyp - mugallym" özara gatnaşygynyň, medeniýetini 15% mugallymlar we 15% talyplar pes derejede häsiýetlendirýärler. (Seret: Sosialno-politiçeskiý zurnal //1997. -N:l-s.102). Aragatnaşykda umumy dil tapmaklyk tabyn edijilik we sessiz-üýnsüzlik bilen ters baglanyşykda bolýar. Şeýle umumylyk umumy höwesiň, ynamyň, umydyň we söýginiň ýüze çykyşydyr. "Terbiýelemek" işligi keminden üç kemalyýet hereketi özünde birleşdirýär: okatmak, dolandyrmak, aragatnaşyk guramak. Ýöne bu düzüjileriň düýpli özboluşlylygy bardyr. Okatmak üçin mugallym okaýanlardan bilimi we tejribesi boýunça rüstem bolmalydyr. Dolandyrmak üçin bolsa ol wezipesi, pähimi, güýji ýa-da abraýy taýdan ýokary bolmalydyr, Aragatnaşykda bolsa, tersine, taraplaryň doly deňligi talap ediiip, duýgyda adamiar özlerini hiç wagt kembaha saýlamaly däldir. Garşydaşyňy syzyp bilmek üşügi hu aragatnaşyk ukybydyr, Pedagogik zehin - bu talypda edil özüňki ýaly mynasyp şahsyýeti syzyp, onuň bilen deň hukukly derejede aragatnaşyk guramakdyr. Eger mugallym okuw jaýynda işi dolandyryp bilmeýän bolsa ol pedagoglygyny bes edýär. Eger onuň başarýany diňe dolandyrmak bolsa, onda okuwçylaryň dat gününe. Dolandyryş diňe syzylmasy örän kyn, ýürekdeş aragatnaşyga daýananda netijeiidir. Aragatnaşyk ýok ýerinde talyplaryň dolandyrylmasy-da ýokdur: olar pedagogy "eşitmeýär", ony hormatlamaýar. Şeýle ýagdaýda mugallyma diňe özüne kyn okuwçylaryň sataşandygyna käýinip, ykbalyndan nalamakdan başga zat galmaýar.

**Pedagogik aragatnaşygy birnäçe derejeleri geçýär:** baglanyşyk - sataşma, soňra ruhy aragatnaşyk. Baglanyşyk-satasma - bu adam söýüjiligiň ýüze çykyşy hökmünde gysga, ýa-da dowamly bolup bilýär. Yürekdeşlik aragatnaşygy haçan-da pikiriň ýa-da höwesiň umumylygy bolanda döreýär. Ruhy aragatnaşyk

aragatnaşygyň iň ýokary derejesi hökmünde taraplaryň umumy maksat-niýetieri esasynda döräp, adamyň öz ýanynda ruhy howalalaryny paýlaşýan adamyň bardygyna bagtlylyk duýgusyny syzýan ýagdaýydyr. Aragatnaşygyň serişdesi hökmünde ilkinji nobatda ses we bakyş öňe saýianýar. Gyýak, şübheli, ätiýaçly, çytyk, "turşy", biagyry, ät galan, närazy, gülümsireýän, biperwaý garaýyşiar – bularyň bary mugallymçylyga çapraz bakyşlardyr. Islendik hoş gylaw däl äheň, gazap we ynjyklyk mugallymyň hut özi tarapyndan talyplaryň öňünde hata hökmünde bahalandyrylmalydyr. Tersine, hoşgylaw, mylaýym, şadyýan, wäşi, düşünýän, goldaýjy, guwanyjy bakyşlar mugallymyň işiniň tapylgysyz serişdeleridir.

Mugallymyň jemgyýetçilik wezipeleri, hemişe adamlaryň (esasan okuwçylaryň) gözüniň öňünde bolýanlygy onuň daşky keşbine, geýim-gejiminiň biçüwüne belli bir talaplar bildirýär. Adatça mugallymlar eşigiň özüni salyhatly, tämiz görkezýän, adamyň gylygynyň çuňlugyny sypatlandyrýan işewür görnüsini saýlaýar. Agzalanlar psihologik-pedagogik medeniýetiň, pedagogyň okuw-terbiýeçiiik işiniň wezipeleriniň çözgüdine esas bolup hyzmat edýän düzüjileridir. Şunuň bilen bir hatarda mugallymyň pedagogik-psihologik keşbiniň ýene-de bir aýrylmaz tarapy – mugallymçylyk ussatlygyň esasyny düzüjiler bolan onuň basarnvklary we endikleri hem häsiýetlendirilmelidir. Mugallyma dürli başarnyklar zerurdyr: talyplarda bilesigelijiligi ösdürmek; olary töweregiňde jebisleşdirmek; olara düşünmek, yzyňa eýertmek; olaryň ýokary ynamyny gazanmak; diňe bir özleşdirilýän bilim - düşünjelere gözegçilik bilen çäklenmän, sözüň işe ornaşmagyny gazanmak; dogumlylygyň, durnuklylygyň, erjelligiň nusgasy bolmak; ynandyrmak ukyby. Bu sanawy kynçylyksyz dowam etdirip bolar. Ýöne her bir ýagdaýyň gaýtalanmaz

özboluşlylygy bolup, mugallym olaryň her birine laýyk başarnyklar döretmelidir. Şol bir wagtyň özünde mugallymyň ylmy düşünjeleri ýaýradyjy, guramaçy we terbiýeçi hökmündäki başarnyklarynyň umumy toplumyny ýüze çykarmak mümkin. Olara sözleyiş ussatlygy (oratorlygy), _ didaktiki-öwrediji ussatlygy, aragatnasvk guraýjylygy, kabul edis basarnvklary, şeýle hem pedagogik tilsimatynv özleşdirmeklik degişlidir. Bu başarnyklaryň toplumy terbiýeçilik işiniň mazmuny hem-de mugallymyň öňünde durýan wezipeleriň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär.

**Pedagogik tilsimaty** - pedagogik ussatlygyň möhüm bölegidir. Ol mugallymyň şahsy täsir ediş serişdeleri özleşdirip (sesi, yşarat hereketlerini, kaddyňy tutmaklygy), özüňi alyp barşyny kemalyýet maksadalaýyklykda guramakda ýüze çykýar. Pedagogik tilsimat bu ýokary derejä ýetirilen ussatlykdyr.

**Pedagogik ussatlygy** - bu onuň psihologiýa-kemalyýet täsir ediş serişdeleriniň häzirki zaman goruny ýokary derejedäki döredijilikli özleşdirmegidir; olary öz işiniň ähli tutumynda netijeli ulanmagydyr; bu terbiýeçi hökmünde öz hereket gylymlaryňy üznüksiz tankydy seljermek we terbiýeçilik başarnyklaryny, endiklerini yzygider kämilleşdirmekdir. Elbetde, bu ussatlyk adamda ynsanperwer başlangyçlary terbiýelemeklige, şahsyýeti kemala getirmeklige, öz döredijilik ukyplaryňy netijeli ulanmaklyga, durmuşyň ähli ulgamynda öz wezipäňi üstünlikli ýerine ýetirmeklige hyzmat etmelidir.

## 8-nji bap. OKATMAGYÑ GÜÝÇLENDIRME WE IŞJEÑLIK, ÖZBAŞDAKLYK, DÖREDIJILIK PIKIRLENMESINI KEMALA GETIRMEK.

**Irki bäbeklik we kiçi çagalyk döwründe öwrenme.** Çaga dünýä inen pursatyndan başlap, onda öwrenmäniň alamatlary görnüp ugraýar. Onuň durmuşyň ilkinji günlerinden başlap imprintingi, şertli refleksleri öwrenmek mehanizmleri herekete gelýär. Ondaky iýmit we hereket refleksleri onuň dünýä inen pursaty duýulýar. Şu döwürde çagalarda ýagtylyga we beýleki gyjyndyryjylara jogap reaksiýasy döreýär. Soňra operant, wikar, werbal öwrenme alamatlary ýüze çykyp ugraýar. Netijede çaga bäbeklik döwründen başlap, uly tizlikli depginde hereket başarnyklary bilen birlikde sözleýşi hem ele alyp ugraýar. Haçan-da ol sözleýşe düşünip ugranda onuň hususy şözleýişi öwrenmesi kämilleşip başlaýar. Bäbeklik döwrüniň ahyrynda biz eýýam öwrenmäniň esasy 5 görnüşini ýüze çykaryp bilýäris. Olar ilki başda aýrybaşgalykda kemala gelýän hem bolsalar wagtyň geçmegi bilen biri-birini dolduryjy häsiýete eýe bolýarlar (şertli refleksler, imprinting,operant,wikar, werbal).

Rus fiziology I.P.Pawlowyň belleýşi ýaly, adamda iki sany signal ulgamy bolup, şolaryň kömegi bilen, ilki başda neýtal-bitarap, soňabaka bolsa gazanylan täsirlere jogap bermäni öwrenýär. Ol bolsa fiziko-himiki stimullara (ses, ýagtylyk, galtaşma, ys, tagam we ş.m.) we söze jogap gaýtarmaga bolan başarnygy kemala getirýär. Ýokarda bellenen signal ulgamlarynyň biri I-nji, beýlekisi bolsa II-nji signal ulgamy diýip atlandyrylýar. II-nji signal ulgamy adama durmuş tejribesini toplamakda esasy signal ulgamy bolup durýar. Bu uly adamda diňe bir esasy bolmak bilen çäklenmäň, eýsem, ol öwrenmäniň beýleki görnüşlerine-de oňaýly täsir ediji hökmünde çykyş edýär. Uly adam sözüň kömegi bilen çaganyň ünsüni ol ýa-da beýleki ýagdaýlara, edýän hereketiniň aýratynlyklaryna çekip

bilýär. Ol ýa-da beýleki zatlaryň ady hökmünde aýdylan söz şertli signala öwrülýär.

Eger-de öwrenme synanyşyklaryň we ýalňyşlaryň usuly boýunça amala aşyrylýan bolsa, onda bu ýerde söz gazanylan täze tejribäni has kämil edýär. Sözüň kömegi bilen çaganyň aňynda onuň ýeňişlerini we ýeňlişlerini aýyl-saýyl edip bolýar. Sözüň kömegi bilen çaganyň ünsüni gönükdirip, onuň iş-hereketini dolandyryp bolýar. 1,5-2 ýaşa çenli çaganyň öwrenmeleriniň görnüşleri sözleýişden aýratynlykda bolýar. Olar üçin sözleýiş aragatnaşygyň serişdesi hökmündedir. Haçan-da çaga sözleýşini pikirlenmäniň guraly hökmünde ulanyp başlanda ol öwrenmäniň iň esasy we wajyp guralyna öwrülýär.

**Bäbeklik döwründäki öwrenmeleriň aýratynlyklary.** Bäbeklik döwründäki öwretmäniň esasy gurşawyny hereket we psihiki hadysalary eýeleýär. Olara kabul ediş we ýat, eşidis we aýdyň-hereket pikirlenmesi degişlidir. Çagada hereket işjeňliginiň ösmegi onuň giňişlikde özbaşdak hereketleriniň çäk mümkinçiliginiň artmagy, daşky dünýä akyl ýetirip, ony derňemegi we predmetler bilen işlemegi üçin zerurdyr. Şeýle gazanylmalaryň ýok ýerinde adama mahsus bolan başarnyklar döremeýär. Eger-de çaganyň dünýa inen gününden başlap, çaga bilen okuw-terbiýeçilik işlerini geçirip bolýan bolsady, onuň bilesigelijilik we sözleýiş hadysalary has uly öňe gidişlikleri we mümkinçilikleri gazanardy. Ýöne bize mälim bolşy ýaly, çaga dünýä inen ilkinji günlerinde iň eziz jandara öwrülip, özüniň idedilmegini talap edýär. Şonuň üçin hem onuň beden terbiýesi dogrusynda aladalanmak birinji nobata geçirilýär. Şu döwürlerde çagany gaty gundamak we ony şeýle ýagdaýda köp saklamak maslahat berilmeýär, 2-3 hepdelik çaganyň el-aýaklaryny arkaýyn hereketlendirmäge mümkinçilik bolmaly. Onuň ilkinji günlerdäki we aýlardaky hereketlerinden geljekki hereket

başarnyklarynyň, endikleriniň gelip çykmagy ähtimaldyr. Çaga tä öz aýaklaryna durýança we özbaşdak hereket etmegi öwrenýänçä çaga bilen yzygider ýörite beden maşklaryny ýerine ýetirmeli. 1,5-3 aý aralygynda çaganyň elini, aýagyny, garnyny, arkasyny ýeňil sypalamak görnüşinde massaž, 3-4 aýlykda agzalan bölekleri epme-ýazma hereketlerini emaýlyk bilen ýerine ýetirmeli. 4-6 aý aralygynda ulular çaganyň özbaşdak synanyşyklaryny ünsli synlap gezmelidirler we gerek ýerinde olary ugrukdyryp durmalydyrlar. Çaga daýanmaga, gapdaldan-gapdala öwrülmäge, zatlary almaga, oturmaga, aýaklaryna daýanmaga kömek etmeli. 6-7 aýdaky ýaş döwürdäki fiziki hereketler çaganyň öz islegi boýunça bolýar. 9-12 aýlarda çaganyň turup ýöremäge bolan synanyşyklaryny höweslendirip, ugrukdyryp durmaly.

Çaganyň ähli beden maşklaryny her gün oýa wagtynda ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Şeýle maşklar çaganyň naharlanmazynyň 20-30 minut öňisyrasy ýa-da naharlanandan 30-40 minut geçirip günüň dowamynda – irden, gündiz, agşam ýerine ýetirmeli. Ýöne gijeki maşk uklamazyndan 3-4 sagat öň edilmelidir. Maşklar tekiz, üsti gaty zada arassa ýapynja ýapylan bolmaly. Maşk edýäniň eli arassa, gury bolmalydyr. Maşklary her sapar şol bir adamyň ýerine ýetirmegi göwnejaýdyr. Maşk wagty çaga bilen mylaýym gürleşip, onuň şadyýan çagda bolmagyny gazanmak hökmandyr. Ýaşynyň ulaldygyça onda özbaşdak naharlanmak, geýinmek, çykarynmak işjeňligini terbiýelemeli. Bedeniniň oňaýly ösüşi we sagdyn bolmagy üçin ony suwa düşürmek we ulynyň kömegi bilen ýüzmek endiklerini hem ösdürmek maksadalaýykdyr.

Çaganyň 2-3 aýlyk döwründe onuň daş-töwereginde dürli reňkli, owadan, ýakymly sesleri çykarýan oýunjaklar bolmaly. Çaga olary elläp görmeli, eline alyp hereketlendirmeli, ýagny görüş, eşidiş effektlerini ösdürýär, daşky dünýä akyl ýetirip başlaýar,

erkli hereketler, bilesigelijilikli gyzyklanmalar kemala gelýär. Olaryň şu döwürde goldanmagy we berkidilmegi adamda täze bilimleri öwrenmäge bolan ukyplaryň has çeýeliginiň esasyny goýýar. Çaganyň her bir elini degiren zadyny elinden kakyp almaly däl.

Çaganyň II ýarymýylky durmuşynda täze bir özgerişlik ýüze çykýar. Ol ulularyň hereketlerini gaýtalap ugraýar, ol özüniň wikar öwrenmä taýýarlygyny görkezýär. Bu ýagdaý çaganyň indiki ösüşinde, esasanam sözleýşiniň ösüşinde uly ähtimaldyr. Ulularyň sözleýşiniň täsiri esasynda onuň özünde ilkibaşda sözleýiş eşidişi ösüp başlaýar. Ol öz düzüminde sada we has çylşyrymly başarnyklary: sesleri eşitmek, sözleýiş akymynda esasy dil birlikleriniň tapawutlaryny saýgaryp bilmek başarnyklary, olary ýerine ýetirmegiň düzgünlerini öwrenmegi jemleýär. Çaganyň sözleýiş eşidişiniň çalt kemala gelmegi üçin eýýam iki aýdan başlap ony iýmitlendirýän wagtyňyz ýa-da beýleki ideg edýän pursatyňyz onuň bilen gürleşmek hökmandyr. Şonda çaga sözleýän adamyň ýüzüni we ellerini aýdyň görmelidir. Sebäbi mimika bilen žest sözüň manysy barada-da maglumat almaga kömek edýär. Ulularyň aýdýan sözlerini çaga özi näme duýýan, görýän, eşidýän bolsa şonuň bilen baglanyşdyrýar. Şeýlelikde, ilkinji toplumlaýyn öwrenme ýüze çykýar. Elbetde ol öz düzüminde sözleýşi kabul etmegi, onuň düzüjilerini tapawutlandyryp bilmegi we oňa düşünmegi jemleýär.

Zatlaryň adyny aňladýan sözleri öwretmek bilen birlikde çaganyň zatlaryň alamatyny, häsiýetini, hereketlerini aňladýan sözlerini-de öwrenmegini ünsden düşürmeli däldir. Bulary çaganyň 8-9 aýlykka onuň bilen gürleşeňde ulanyp başlamaly. Çünki şu döwürde ol sada hereketleri, öz göwresini tutuş ýagdaýyny, zatlary elinde saklamagy, öz göwresini eýläk-beýläk öwürmegi, göwresiniň dürli böleklerini: elini, aýagyny, kellesini öwürmegi başarýar. Sözleýişiň kemala gelýän döwründe eliň hereketleriniň ösüşine üns bermelidir. Çaga bilen

gürleşýän uly adamyň söz toplumynda şeýle hereketleri aňladýan sözleriň bolmagy hökmandyr. Çaganyň şu ýaş döwrüniň ahyryndaky esasy gazanmalary – göni ýöremek we elleri bilen dürli hereketleri edip bilmek ukybydyr. Bu köplenç ähli çagalarda hem şeýle bolýar. Ýöne käbir çagalaryň bu döwürden 2-3 aý öň ýa-da soň ýöreýändigi mälimdir. Degişli hereketleriň kömegi bilen çagalaryň hereket ýagdaýynyň ösüşiniň depginini çaltlandyrmak bolýar. Ýöne bu hereketler hem çaganyň içki islegleri bilen utgaşmalydyr. Çaganyň dünýä inen ilkinji gününden başlap diýen ýaly onda üýtgeşik daýanç hereket refleksi peýda bolýar. Bu refleksde eliň aýasy bilen dabanynyň aşagyna degireniňde çaga aýajyklaryny epleýär. Bu refleksi çaganyň myşsalarynyň işjeň ösmegi bilen birlikde onuň aýak üstüne galmagyndaky taýýarlykda ulanyp bolar. Çaganyň el we aýak hereketleriniň ösmegi we onuň ýöremäge bolan taýýarlygy el we aýak hereketleriniň koordinirlenen bolmagy hökmandyr. Çaganyň oýalykdaky wagtynda daş-töweregindäki zatlara aýagyny degirip görmegi, olary ellemegi, elleri bilen tutmagy, ilki ýatan ýerinden, soňra oturan ýerinden hereketlenip bilmegi hökmandyr.

Durmuşyň II ýarymýylynyň başynda onuň kabul edişidir ýady şeýle bir ösen bolýar, ol hat-da aýdyň hereketli sada ýumuşlary hem çözmäge ukyply bolýar. Şu döwürden başlap çaganyň aýdyň-hereket pikirlenmesini ösdürmek barada alada edip başlamaly bolýar. Indi çaganyň öňünde görüş we hereketleniş işleriniň-hadysalarynyň kömegi bilen ol ýa-da beýleki predmeti-zady tapmaga degişli meseleleri goýmaly bolýar. Meselem, çaganyň gözüniň alnynda oýunjagyny gizlemek we ünsüni birnäçe sekuntlyk sowup, soň oýunjagy tapmagy soramaly. Çagalar bilen oýnalýan şeýle oýunlar diňe bir cagalaryň ýadyny ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň pikirlenmesine-de oňaýly täsir edýär.

**Irki çagalyk döwründe öwrenme (1-3 ýaş).** Irki çagalyk döwrüniň tutuş dowamynda intellekt kämilleşýär. Pikirlenmäniň aýdyň-hereket görnüşi öz ornuny aýdyň-keşp pikirlenmesine geçirýär. Çaga özüniň intellektual ösüş ýolunda ýene bir wajyp ädim ätleýär. Eger-de ol öň diňe predmetleri-zatlary eline alyp hereket eden bolsa, indi olaryň keşpleriniň kömegi bilen dürli meseleleri çözmegi başarýar. Şeýle ösüşiň mundan beýläk hem çalt depginde ösdürilmegi üçin şu döwürdäki çagalara göz öňüne getirme bilen baglanyşykly meseleleri çözdürmeli. Şeýle hem onuň döredijilikli we tehniki ukyplaryny, esasanam surat çekmek ukybyny ösdürmeli. Ulular bilen aragatnaşyk etmek, olar bilen döredijilikli oýunlary oýnamak çagalarda esasy we wajyp ukyplaryň ösdüriji şerti hökmünde çykyş edýär. Irki çagalyk döwrüniň başlangyjy – bu sözleýşiň ösüşiniň senzitiw döwrüne girişdir. Bir ýaşdan üç ýaş aralygynda çaga sözleýşi özleşdirmeklige has ýykgyn bolýar. Bu döwürde bäbeklik döwründe öwrenilip başlanan ýagdaýlar (sözleýiş eşidişi, sözleýişe düşünmäge bolan ukyp, mimika, pantomimika...) doly özleşdirilýär. Uly adamyň sözleýşini işjeň däl görnüşde kabul etmek we oňa jogap bermek başarnygy onuň mekdebe çenli döwürdäki sözleýşiň işjeň görnüşine eýelik etmeginiň esasyny düzýär.

Çagalaryň sözleýşiniň esasynda ululara, olaryň sözleýşine öýkünme ýatyr. Çaganyň ikinji ýyl ömründe – 2 ýaşynyň içinde daşky gurşawa bolan gyzyklanma döreýär. Çagalaryň ähli zady bilesi, elinde saklasy gelýär. Şu döwürde olary täze zatlaryň atlary, daşyny gurşaýan adamlaryň atlary gyzyklandyrýar. Çagalar bu düşündirişe ululardan garaşýarlar. Ilkinji sözlere eýe bolan çagalar ululara şeýle soraglary berip başlaýar: “Bu näme?, Bu zada näme diýilýär”? Şeýle soraglar jogapsyz galdyrylmaly däldir. Mümkin boldugyndan olara has doly we dogry jogap bermeli we çaganyň bilesigelijiligini kanagatlandyrmaly. Ulularyň nädogry, çalt, düşüniksiz

sözleýşi çagalaryň sözleýşiniň ösüşine päsgel berýär. Çaga bilen gürleşilende howlukman, her sözi we söz düzümlerini saýhally aýtmaly, gerek ýerinde gaýtalap bermeli. Öň hem bellenilişi ýaly 1-nji ýaşynyň ahyrynda ululardaky synlamalryna esaslanyp, olar mimika, pantomimika jogap bermegi başarýarlar. Şonuň üçin hem çaga bilen gürleşilende elleriňiziň we ýüzüňiziň mimikasydyr pantomimikasynyň oňaýly hereketde bolmalydygyny unutmaly däldir. Çaga özüniň sözleýşiniň ösüş döwründe beýleki adamlara garanyňda öz ata-enesiniň, doganlarynyň sözleýiş medeniýetine eýerýärler. Çaga bilen gürleşýän adam ýakyn garyndaşy bolsa, olar hem olar bilen ýygy-ýygydan gürleşseler onda sözleýiş mehanizmlerini çalt ele alar. Onuň özüniň hususy sözleýşiniň daşky gurşawyndaky adamlar tarapyndan goldanylmagy sözleýşiň ösmegine oňaýly täsir edýär. Çaganyň sözleýiş derejesiniň ösüşini bahalandyrmagy, oňa belli bir zatlary öwretmegi ene ýaly başarjak adam ýokdur. Çaga ejesiniň gaýtalaýan sözüne has işjeň jogap gaýtarýar. Syn edilip görlende çaga şeýle jogaby beýleki adamlara bermeýändigi anyklanyldy. Käbir ata-eneler çaganyň işjeň sözleýşindäki bökdençlerini synlap aladalanýar. Eger-de çaga beýlekileriň sözleýşine düşünip, emma az gürleýän bolsalar, onda onuň sözleýşiniň ösüşi barada aşa aladalanmak gerek däldir. Syn edilmelere görä şeýle çagalaryň 2-3 ýaş aralygynda sözleýşi çalt ösýär-de deň-duşlarynyň sözleýşiniň yzyndan ýetýärler. Çaga 3 ýaşa golaýlanynda ulularyň özara gürrüňine uly gyzyklanma bilen diň salyp başlaýarlar. Şonuň üçin ýanyňyzda çaga bar wagty onuň sizi diňleýändigini duýýan wagtyňyz öz gürrüňdeşiňiz bien saýhally, düşünikli, parahat äheňde gürleşmeli.

Irki döwürde çaganyň sözleýşiniň ösüşinde ýüze çykjak aýratynlyklarynyň biri-de – onuň bir wagtda 2 dili: ene dilini we başga dili özleşdirmek mümkinçiligidir. Bu ýagdaýyň ýüze çykmagy mekdebe çenli döwürde has hem

aýdyňdyr. Ýöne dil meselesinde onuň öwrediliş usullary birmeňzeş bolmaly we olary ugurdaş alyp barmaly. Şu meseläni çözmekde şeýle ýol ýöredilse, ýagny, dilleri biri-biri bilen garyşdyrman, her dili yzygiderlikde dürli adamlar öwretmeli. Şeýle edilse çagada dilleriň garyşmagy ýüze çykmaz we ol dilleri çalt özleşdirer.Öň hem belläp geçişimiz ýaly, irki ýaş döwürdäki çagalara mahsus häsiýet - aşa bilesigelijik döreýär. Bu ýagdaýyň has goldanylmagy onuň intellektual ösüşiniň çalt depginine täsir edýär. Ondan başga-da, şu döwürde çagalarda akyl ösüşi özünde dürli görnüşi jemleýär. Olar ony ulular bilen oýnanlarynda, aragatnaşyk edenlerinde, deň-duşlary bilen gürleşenlerinde, şeýle hem daş-töwerege synlamalaryndan edinýärler, öwrenýärler, ösdürýärler. Çaganyň bilesigelijiginiň ösmeginde oýnawaçlar aýratyn orun eýeleýär. Çaganyň oýnawaçlarynyň arasynda ulularyň durmuşynda ulanýan gurallaryna meňzeş oýnawaçlar bolmaly. Eger-de oýnawaçlar döwülse, ony zyňmak maslahat berilmeýär. Ol oýnawajy çaganyň özi bilen bejeriň. Şu döwürdäki ideg gözden salynsa, çagada geljekki döwürde psihologik krizisiň ýüze çykmasynyň bolmagy gaty ähtimaldyr. Şeýle ýagdaýa ýol berilse, geljekde pedagogik gözden salnan çagalaryň kemala gelmegi gaty ähtimaldyr.

**Kabul edişi, ýady we pikirlenmäni kämilleşdirmek.** Mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň akyl ýetiriş prosesleriniň ösüşi guramaçylykly we guramaçylyksyz, adaty ugrukdyrylýan we ugrukdyrylyp bolmaýan ýagdaýda amala aşýar. 6-7 ýaşda çagalaryň akyl taýdan ösüş derejesi şeýle-de onuň mekdepde bilim almaga taýýarlyk derejesi geçen 3-4 ýaşynda maşgalada we mekdebe çenli edaralarda çagalaryň okadylmasynyň nä derejede oýlanyşykly ýola goýlandygyna baglydyr.

Bu ýyllar çaganyň akyl ýetirişiniň ösüşine uly goşant goşýarlar. Bu ýaşda çaganyň esasy işi oýun bolup, işiň beýleki görnüşleri şeýle-de sözleýiş bilen üstüni

ýetirýär.Şu ýaşda çagada sensor hereketleriň kemala gelmegi arkaly kabul ediş kämilleşýär.

L.A.Wengeriň pikiriçe çaganyň sensor ukyplary perseptiw hereketleriň mukdary bilen kesgitlenilýär. Perseptiw hereketleriň kemala gelmegi çagalaryň sensor etalon ulgamlaryny tapawutlandyryp we özleşdirip bilmegine baglydyr, ýagny, olary uly adamlar kabul edenlerinde dilde düşünje hökmünde bellik edilen predmetleriň duýgy häsiýetlerini tapawutlandyrmak. Sensor etalonlar kabul edişiň – nusgasy hökmünde taryhy taýdan kemala gelip, uly adamlar tarapyndan özleşdirilende kynçylyksyz özleşdirýärler, ýagny çalt kabul edilyär. Şol bir wagtda mekdebe çenli ýaşdaky çaga üçin mesele (problema) bolup durýar. Ol çaga duýuş organlary arkaly kabul edýän predmetleriň häsiýetlerini biri-biri bilen hem-de olary etalona laýyklyklaryny deňeşdirmegi ýörite öwredilmegini talap edýär. Şeýle etalonyň nusgasy:

Geometriki figuralar – (çyzyklar, üçburç, dörtburç);

Reňk kabul edilende – spektor we onuň dürli öwüşgünleriniň esasy reňkleriniň ýitiligi we doýgunlygy;

Predmetiň beýikligi kabul edilende – dürli ululyklar (meýdan, uzynlyk, göwrüm) forma kabul edilende bolup biler.

Çagany şu etalonlar bilen tanyşdyryp, kabul edilýän predmetleriň häsiýetli aýratynlyklaryny tapawutlandyrmak üçin amaly ýagdaýda ol ululyklary ulanmany öwretmeli, ýagny perseptiw hereketleri öwretmeli.

Mekdebe çenli ýaşdaky çaganyň ýadyny gowulandyrmak birnäçe ugurlar boýunça ösýär.

Birinjisi – ýatda saklamak prosesiniň erkin häsiýetde bolmagy.

Ikinji – çaganyň ýadynyň gös-göni ýatdan aralaşdyrylan ýada geçmegi.

Üçünji – çagada ýatda saklamagyň, ýada salmagyň serişdelerini we täsirlerini ösdürmek.

Mekdebe çenli kiçi ýaşlylardan uly ýaşla çenli ýat prosesinde üýtgeşmeleri bolup geçýär. Mekdebe çenli ýaşyň soňunda çaganyň ýady garaşsyz, ugrukdyrylýan psihiki funksiýa öwrülip, oňa belli bir derejede gözegçilik edip bolýar. Kiçi we orta ýaşly mekdebe çenli döwürde (3-4 ýaşly) materialyň ýatda saklanylmagy we gaýtadan dikeldilmegi işiň dürli görnüşleriniň düzümine girip, esasan hem ygtyýarsyz amala aşyrylýar. Uly mekdebe çenli ýaşda çaganyň öňünde ýörite mnemiki meseleleriň goýulmagy netijesinde ygtyýarsyz ünse geçilýär.

Oýun aragatnaşyk, zähmet işlerinde mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň öňünde şeýle meseleler näçe köp goýulsa şonça-da onuň ýady ygtyýarsyzdan ygtyýarla geçýär.

Mnemiki hereketler – bu maglumaty ýatda saklamaklyga we gaýtadan dikeltmeklige gönükdirilen hereketleridir.

3-4 ýaşdan başlap mekdebe çenli ýaşdaky toparlaryň hemmesinde, oýun işinde mnemiki hereketler çalt ýüze çykýar.

Mekdebe çenli kiçi we orta ýaşly çagalarda oýun işinde ýatda saklamaklyk beýleki işlerde ýatda saklamaklykdan has ýokarydyr. Köplenç bu ýagdaý 3-4 ýaşly çaganyň ýadynyň pes bolup görünmeginiň ýalňyş duýgularyny döredýär, sebäbi çaganyň ýadyny uly ýaşdaky adamlaryň ýadyny öwrenmek üçin şertleriň we usullaryň kömegi bilen barlamak bolýar.

Çaganyň erkli ýadynyň ösmegi üçin onuň bir zatlary ýatda saklamaklyga ymtylyşyny görüp, wagtynda ulanmak wajypdyr. Çagada bir zatlary erkli ýatda saklamak ýa-da ýatda saklamak hereketlerini 5-6 ýaşlarynda görseň bolýar. Mysal üçin: çaganyň ýatda saklajak bolýan zadyny özüniň gaýtalamagy.

Gaýtalamaklyk maglumatyň gysga wagtlaýyndan uzak wagtlaýyna geçmegini üpjin edýär. Çaganyň daşyndan gepläp gaýtalamaklygyna içinden gepläp gaýtalamaklaryny öwretmek zerurdyr.

4 ýaşdan başlap bir zady beýleki zadyň üsti bilen ýatda saklamaklygy öwredip bolar. Mysal üçin: bir surat arkaly bir sözi ýatda sakladyp bolar. Ilki başda ony uly adam hödürleýär. Hödürlenen serişdäniň üsti bilen çaga predmetleri ýatda saklap başlandan soň ýada salmak serişdesini çaganyň özi saýlap alýar.

Mnemiki serişdeleriniň ösüşi aşakdaky ýaly bolýar:

1. Takyk mnemiki serişdeleriň bir zadyň beýleki (bir zadyň üsti bilen ýatda saklamaklygy), abstrakta (predmeti suratyň kömegi bilen ýatda saklamaklyk) geçmeklik.
2. Materialy ýatda saklamaklyk mehanikanyň logiki serişdeleriň üsti bilen kabul etmeklik.
3. Ýatda saklamaklygyň daşkydan içkä geçişi.
4. Öň ulanylan, taýýar, belli serişdeleriň ýatda saklamaklygyň täze, original, özüňden oýlanylyp tapylmagy.

Kići mekdep ýaşly 7 ýaşdan 10 ýaşa ćenli döwürde ćaganyń mekdebe ćenli ýaşdan kići mekdep ýaşyna gećiş dőwri hasaplanýar. Şol dőwürde ćaganyń bedeninde düýpli őwrülişik bolup gećýär. Şonuń üćin onuń oturýan oturgyjynyń boýuna gőrä bolmagy hőkmany. Çaganyň barmaklarynyń ćalt ýadaýanlygy üćin olar uzak wagtlap ýazyp bilmeýärler. Şol wagtda uky arteriýasynyń diametri uly bolanlygy üćin kelle beýni ýeterlik gan bilen üpjün edilýär we işe ukyplylygy ýokarlanýar. Esasan hem mańlaý beýni ősýär, şonuń üćin psihiki hereketiń ýokary we ćylşyrymly mümkinćiligi aćylýar. Kići ýaşly mekdep okuwçylarynda hereket etmeklige ymtylmak netijesinde işlemek kyn bolýar.

Okuw dőwrüniń başlanmagy bilen oýun onuń durmuşynda sońky orunlara geçýär, ýőne bu wagtlar hem täsirini ýitirmeýär. Okuw onuń motiwini düýpli őzgerdýär we ahlaklylyk güýçleriniń ősmeginde täze çeşme bolup durýar. Şu tutumyň geçmegi birnäçe derejede geçýär. Täze talaplary berjaý etmek kiçi ýaşly okuwçylary durmuşyń täze döwrüne gyzyklandyrýar. Ol bilime jemgyýetçilik gymmatlygy hőkmünde ýapyşýar. Kiçi mekdep ýaşly çaganyń bilime bolan ilkinji intuitiw gyzyklanmasyny goldamaly.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyń ilkinji duş gelýän kynçylygy şu aşakdakylardan ybarat:

1.Düzgüne tabyn bolmak, ýagny her gün wagtynda ukudan turmak, sapak wagtynda ýuwaş oturmak, őý işlerini doly ýerine ýetirmek we ş.m. Ýőrite endik bolmazdan çaga çalt ýadaýar. Şonuń üçin pedagoglar hem ata-eneler nem çaganyń indiwidual taraplaryny gőz őńünde tutup őwmekligi we temmi bermekligi ulanmaly.

2.Bu kynçylyk mugallym bilen, mekdep okuwçylary bilen we maşgala bilen täzeçe aragatnaşyk bolýar. Ondan edilýän talap güýçlenýär. Täzeçe özüni gurşap alan ýagdaýda ol özüni ýekelikde duýýar. Mugallym her bir okuwçynyń aýratynlyklaryny öwrenip çemeleşmeli we şonda okuwçy asuda we öndürijilikli klas we öý işlerini ýerine ýetirýär. Haçan-da mugallym ähli okuwçylara deń seredip yza galýanlary goldasa we okuwyna gowy ýetişýänlere bolsa çenden aşa özlerine ynamlydyklary üçin duýduryş berse okuwçylaryń gatnaşygy kadaly bolýar. Okuwçylara ilki başdan klasyń we mekdebiń olar üçin ýat ýer däldigini, olaryń öz kollektiwleridigini ynandyrmaly. Bu kynçylyk okuw ýylynyń ortasynda käbir okuwçylar üçin başlanýar. Daşky atributlara öwrenişmek bilen okuwçylarda perwaýsyzlyk ýüze çykýar. Şonuń üçin mugallym sapagy gyzykly geçirmäge çalyşmaly.

Kiçi ýaşly mekdep döwründe okuwy guramak. Okuw işiniń esasyny ylmy düşünjeler we kanunlar tutýar.

Özleşdirmek bolsa esasy maksat bolup durýar. Okuw işiniń esasynda:
1) okuw hadysasy (ýa-da meselesi ); 2) okuw hereketi; 3) barlag; 4) baha.

Okatmaklygyń (okuw) hadysasynyń aýratynlyklary indikilerden durýar:

1. Düşünjeleriń alamatlaryny bölmegiń umumy tärlerini we käbir anyk-tejribeçiliik meselelerini çözmegi öwrenýärler.

2. Şol tärleri we meseleleri çözmegiń mysallaryny getirmek okuw prosesiniń esasy maksady bolup durýar. Anyk-tejribeçilik mesele hökmünde diktowka bilen ýazylan haty görkezip bolar (hatyń orfografik dogrulygy talap edilýär); kagyz bilen işlemek (oýnawaç hökmünde kagyzdan guty ýasamak).

Okuw hereketiniń aýratynlyklary: çagalaryń okuw hadysasyndaky işi dürli tipdäki hereketlerden durýar. Şolaryń netijesinde çagalar mesele çözmegiń umumy tärleriniń mysallaryny getirýärler we özleşdirýärler we olary ulanmagyń şertlerini kesgitlemegiń umumy ýollaryny özleşdirýärler. Şol hereketler tejribelik we akyl taýdan ýerine ýetirilýär. Olaryń düzümi meńzeş däl. Käbir okuw hereketi ähli dersler üçin ulanarlykly, käbirleri bolsa dińe bir dersiń aýratyn böleginde ulanyp bolýar.

Bulardan başga-da kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyń fiziki ösüşi gyradeń dowam edýän hem bolsa, ýöne olaryń ünsliligi onçakly durnukly bolmaýar. Şol nukdaý nazardan seretmek bilen mugallym sapagyny mümkin boldugyça gyzykly hem täsirli edip geçirmeli bolýar. Şol döwürde çaganyń eşidiş ýatkeşligine garanyńda görüş keşp ýatkeşligi ep-esli ösen, pikirleniş işi hem takyk bolýar. Şol sebäpli hem okuw görkezme esbaplaryń dürli görnüşlerinden peýdalanmak talap edilýär. Görkezme esbaplaryń üsti bilen okatmak munuń özi okuwçylar tarapyndan gönüden-göni kabul edilip alynýan anyk obrazyń esasynda guralýan okuw kiçi mekdep ýaşly

okuwçylarynda görkezme esbaplaryń täsir edijiligi örän güçlüdir. Sebäbi çaganyń pikirleniş işi anyklygy talap edýär. 3-4-nji synpda çagalar ýańky kynçylyklary ýeńip geçmäge öwrenişýärler. Olar has güýçli içki we daşky kynçylyklary ýeńip geçip bilýär, onuń erkiniń güýji kemala gelýär. Çaganyň erkini talap edýän maksatlaryń manysy we göwrümi üýtgeýär. Erkiń güýjüniń dowamlylygy artýar, öz täsirlerini ygtyýarly saklap bilijiligi ösýär.

Jemläp aýdanyńda agzalan kynçylyklaryń birinjisi täze okuw düzgüni bilen baglanyşykly bolup, onuń bir bölegi wagtynda turmak, zatlaryny belli ýerde goýup ony tapmak we ş.m. bolsa, ikinji bir tarapy sapak wagtynda daşarda nähili gözel tebigat, guşlaryń sesi barlygyna garamazdan esasy ünsi sapaga gönükdirmek zerurlygy bolýar. Ikinji biri çaganyń mugallymlary we öýdäkiler bilen ýüze çykýar. Mugallym näçe asuda, hoşniýet hem bolsa ol çagalar bagyndaky enekä garanyňda hiç bir hili okuwyń talabyndan çykmaklyga ýol bermeýär, şonuń üçin-de çagany belli bir derejede çekindirýän adam hökmünde kabul edilýär. Bu ýagdaýyń öńi alynmasa çagalaryń belli bir böleginde ýygralygy, beýleki böleginde bolsa başyna gidenligi döredýär. (2-nji tipli çagalar mugallymlaryń hiç zat edip bilmejegine göz ýetirýän çagalar). Ikinji bir kynçylyk hut okuw ýagdaýy bilen baglanyşykly bolup, ol okuw ýylyń ortalarynda ýüze çykýar. Mekdebiń diňe daşyndan guwanyp çagalar bagyndan bez bolup,gelen çagalary ilki öz başyna portfelli bolmak, iş stoluny edinmek we ş.m. gyzyklandyryp, bu isleg höwesler kanagatlandyrylandan soňra ol mekdep, okuwdan sowaşaýar. Munuń ýene bir sebäbi sapaklaryçaganyń höwesini oýarmaýan görnüşde guralmagy bolýar. Meselem, arifmetiki mysallar, köpeltmek jetweli bir eýýäm özleşdirilse-de soňky ýumuşlar edil şonuń ýaly birmeňzeşräk häsiýetde guralsa ol çaganyń ýüregine düşýär. Munuń öňüni almak üçin

sapagyń her bir pursady çaganyń mümkinçiligi iń bolmanda sähelçe ýokarrak ulanmagy bilen öńi alnyp bilner.

Her bir okuw ýumşy ýörüte maksat goýmak esasynda ýa-da başga bir işiń düzüminde tötänleýin hem özleşdirilýär. Mysal üçin, nokat goýmak ýumşy ýorite okuw ýagdaýy hökmünde öwredilende onda çaganyń onuń umumy we esasy häsiýetleri düşündirilýär. Çaga bu özleşdirilen umumy häsiýetleri dürli sapaklara ýaýradýar. Başga bir tarapdan nokat goýmak ýörüte öwredilmän başga sapaklaryń gidişinde tötänleýin hem özleşdirilip bilner, ýöne şeýle ýagdaýda çaga nokat goýmagyń esasy mazmunyna düşünmän, onuń daşky 2-nji derejeli sypatlaryna eýeleýär. Onuń pikiriçe tötänleýin özleşdirilse nokat haçanda mugallym okaýan kagyzyndan gözüni aýyryp okuwçylara seredende goýmaly ýa-da bogazyny öllemeli bolanda goýmaly we ş.m. Ýörite okuw ýagdaýy esasynda öwredilende bolsa çaga nokadyń haýsydyr bir söz toplumynyń gutaran oý pikiri ańladýan ýerinde goýmalydygyna düşünip sońra başga islendik sapaklarda hem ony ýalńyşsyz goýup bilýär. Okuw hereketleri maglumat taýajyklarda, barmakda goşmak, aýyrmak söz üsti seslenip ýumuş çözmek we akyl hereketleri içki sözleýişde pikirde çözülýän ýumuşlar. Barlag ýerine ýetirilýän ýumuşyń görkezilen nusga laýyk ýa-da laýyk dälligini barlaýar. Barlag gazanylan netijeleri we garaşylýan netijelere laýyklykda berlip bilner.

Ýokarda agzalan bahalandyrmak, baha goýmaklykdan tapawutlandyrylmalydyr. Çünki bahalandyrmak ýumşuń ýerine ýetirilip ýa-da ýetirilmelidigini ańladýar. Baha göymak bolsa ýumşuń ýerine ýetirişiń derejesini ýokary, orta, pes ýa-da daýanylyp ýa-da pikirlenmän esaslanyp çözlendigine, onuń özleşdirilşiniń sebäbini – motiwini (baha almak üçin, bilimi özleşdirmek üçin, özüń görkezmek üçin) ýaly zatlary anyklaýar we onuń degişli belgilerde (5,4,3,2,1)

belleýärler. Umuman okuw işinde aşakdaky elementler bolýar. Okuw işi – täze bilim endikleri özleşdirmek ýa-da bar bolan bilimleri kämilleşdirmek üçin guralýan iş: okatmak mugallym bilen okuwçynyń arasynda ýorite guralýan mugallymy okuwça bilim başarnyklaryny endiklerini geçirmek tutumydyr. Bu ýagdaýda okuw işi bilen bir hatarda zähmet isi hem belli bir derejede amala aşyrylýar. Zähmet işiniń bu döwürde 2 görnüşi : öz-özüńe hyzmat ediş zähmeti we ýönekeýje zatlary ýasamak bolýar. Öz-özüńe hyzmat ediş eşiklerińi tämizlemek, ýerli-ýerinde goýmak, soń yzyńy ýygnamak we beýlekiler. Bu ýaşda çaganyń zähmete bolan söýgüsini döretmek üçin çagalara bütin kollektiwi üçin ähmiýeti bolan ýumuşlary tabşyrmak zerurdyr. Çagalar zähmet işiniń beýlekilere zerurdygyny duýdurmak üçin olar bilen mekdebe çenli ýaşlylar üçin arça bezemeli we olary gyzyklandyrýan zatlary öz elleri bilen ýasanlaryny öz elleri bilen gowsurmak.

Bilşimiz ýaly bu ýaşdaky çaganyń esasy işi okuw bolýanlygy üçin çaga erk, güýç sarp edip ünşüni okuw hadysasyna gönükdirmeli bolýar. Tebigat gözelliginden, partadaşyń bilen gürleşmek ýaly zatlardan sowaşyp dykgat bilen mugallyma gulak asmaly bolýar. Şeýle talaplar: çagada esasy psihologik täzelikleriń biri bolan erkliligi döredýär. Erklilik çaganyń özbaşdak maksat goýup ońa özbaşdak hem ýetip bilmek ukybynda ýüze çykýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalardan tapawutlylykda çaga okuw işinde we beýleki ýumuşlarda etjek bolýan zadyny içki pikirinde jemläp, sońra ony herekete geçirýär. Her ýumşyń çözlüşini birnäçe ädim öńünden görmegi başarýar. Işiń bu aýratynlyklary çagada ikinji bir psihologik täzelik hereketiń içki meýilnamany döredýär. Çaga bu ýaşda okuw ýumuşlaryny aýdyp berende ony birbada aýdyp ýa-da pikirlenip, şol bir wagtyń özünde hem ony dogry ýa-da nädogry aýdýandygyna, pikirlenýändigine baha bermeli bolýar. Şeýle ukyba ýagny

birbada pikirlenip, şol bada hem özüniń dogry ýa-da nädogry pikirlenýändigine baha berip bilmekligine refleksiýa diýilýär. Bu mekdep ýaşly çaganyń ýüze çykýan 3 psihologik täzeligidir. Diýmek, bu ýaşdaky çagalaryń esasy psihologik täzelikleri: erklilik, hereketiń içki meýilnamasy, refleksiýa bolup durýar.

Kiçi mekdep ýaşly çagalarda akyl ýetiriş ýagdaýynyń ösüşi. Ünsüń ösüşi: Bu ýagdaýda köp derejede erksiz häsiýetde bolsa-da erkli ünsüń hem esasy gurluşy kemala gelen bolýar. Bu ýaşda çagalaryń ünsi esasan predmetleriń reńkini we görnüşini kabul etmäge gönükdirilendir. Ýöne predmeti takyk kabul etmek we ony ýazmaça ýa-da surat çekmek hökmünde gaýtadan dikeltmek ýörite meýilnama boýunça alnyp barylmaýar. Çaganyń ünsi predmetiń haýsy bölegi, näçe ululykda bolmalydygyna gönükdirilmeýär. Çaganyń ünsüni döretmek üçin birnäçe daşky serişdeler ulanylýar. Meselem, çekimli harplar geçilende,olaryń depesine reńkli kagyz bölejiklerini goýdurmak we okatmak we ş.m. Şol bir wagtyń özünde çagada ýat hem köp derejede erksiz görnüşden erkli ýada öwrülýär. Mugallymyń ýolbaşçylygynda okuwda gyzyklanýan zadyny däl-de, zerur zady ýada ornaşdyrmalydygyny öwrenýär. Şeýle hem ol özleşdirmeli maglumatlary sözme-söz däl-de many böleklerine bölüp, her bir bölege ýörite at berip, sońra şol atlar boýunça ýada ornaşdyrmagy we gaýtadan dikeltmegi öwrenýär.

Hyýal. Bu ýaşly çagalarda köp derejelerde okuw işiniń täsirinde ösýär. Mugallymyń düşündirýän zatlaryny geografiýa kartasy boýunça aýdýanlaryny okuwçylar dagy-dag ýaly, tokaýy-tokaý ýaly hyýalynda göz öńüne getirýärler. I - döwürde, çaga predmetleriń hyýaly keşbini döredende, dińe aýry-aýry suratlary obrazlary döredilýär. II – döwürde, çaga predmetleriń has inçe suratlaryny şeýle hem onuń hereketini beýleki predmetler bilen baglanyşygyny hyýaly keşplerde beýan edýärler. III –

döwürde, bu ýaşyń başynda pikirlenme aýdyń hereket görnüsde bolýar. Ýumuş esasan daşky predmetlere daýanyp (taýaklar, dörtburçluklar) ýerine ýetirilýär. Çaga haýsy bir netijä gelende aýdyń hereket keşbe daýanmaly bolýar. Mysal üçin, güllere wagtynda suw berlende, düýbi ýumşadylanda gowy ösýär diýen netijä gelmeýär. Aman gülleri suwardy, düýbüni ýumşatdy, onuń gülleri gowy ösdi. Meret bolsa wagtynda suwarmady, seretmedi we onuń gülleri gurady. Dińe şeýle deńeşdirmeden soń, çaga güller wagtynda suwarylanda, ýumşadylanda gowy ösýär diýen netijä gelýär. Eger ilki çaga –da, -de goşulmasyny "jamda alma" diýende düşünip, "durmuşda kyn bolýar" diýende durmuş sözüni göz öńüne getirip bilmeýär. Okuw hadysasy döwründe berilýan bilimler, şolaryń üstünde akyl ýetiriş hereketleri ýerine ýetirilende uly netijelige eýe bolýar. Şol ýerine ýetirilýän hereketleriń şu aşakdaky döwürleri bardyr:

I – döwür, ýerine ýetiriljek hereketiń şertleri bilen öńünden tanyşmaklyk;

II – döwür, ýerine ýetirilýän hereketiń materiallaşdyrylmagy, ýagny ýörite taýajyklaryń kömegi bilen ýerine ýetirilmegi;

III – döwür, ýerine ýetirilmeýän hereketsiz sözleýiş bilen utgaşdyrylmagy;

IV – döwür, özleşdirilen hereketleri içińden gaýtalap, oýlanyp, pikirlenip ýerine ýetirilmegi.

## 9-njy bap. TERBIÝE BARADA DÜŞÜNJE. TERBIÝÄNIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI. TERBÝE TUTUMYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

**Terbiýänin kanunalaýyklyklary:** 1. Önde goýlan maksat bilen onun mazmunynyň we usullarynyň gabat gelmegi.2. Okatmak bilen terbiýäniň birligi. 3. Kem-kemden kämilleşýän şahsyýetleri terbiýelemek. 4. Okuwa

we beýleki çärelere işjeň gatnaşmagy gazanmak. 5. Ynsanperwerlik meselesi. 6. Okuwçylaryň geljekki ösüşlerini kesgitläp bilmek. 7. Okuwçylar tarapyndan teklip edilýän däpleri kämillleşdirmek.

**Terbiýäniň düzgünleri:** 1. Maksada okgunlylygy. 2. Durmuş bilen arabaglanyşygy. 3. Zähmetde we zähmetiň üsti bilen terbiýelemek. 4. Toparda we toparyň üsti bilen terbiýelemek. 5. Okuwçylaryň ýaş, psihologik, özboluşly aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak. 6. Okuwçylara birmeňzeş talap bildirmek. 7. Okuwçylaryň tekliplerini öwrenmek. 8. Her bir okuwçyny özbaşdak öwrenmek we okuw-terbiýeçilik işinde göz önünde tutmak.

**Terbiýäniň düzgünleri hakynda.** Eger-de biz şertli ýagdaýda gadymy adamyň belli bir ýaşaýyş döwrüni onuň öz güzeranyny hiç kese mätäç bolman, diňe güýjüne daýanyp amal edýän görnüşde göz öňüne getirsek, onda edil şeýle şertlilikde oňa hiç kes bilen aragatnaşykda, jemgyýetçilik baglanşykda bolmaýan häsiýetnamany ýöňkemeli bolarys. Eýýäm awy diňe özüne mehzeşler bilen bilelikde awlamak zerurlygy onuň tutumynda bir-birege sesli-hereketli düşünişmek, aragatnaşykda bolmaklygy döredýär. Awçylygyň has kämilleşiş derejesinde awa bukuda - garymda garaşýanlar we awy olara tarap kowanlar biri-biri bilen göze görünmeýän, emma hakyky psihologik arabaglanyşykda, gatnaşykda bolýarlar.

Zähmetiň adamlaryň toparlarynyň arasynda paýlaşylmagy, bir önümi öndürýän toparyň ikinjini öndürýän bilen haryt alyş-çalşygyna goşulmagy, toparlaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna bilelikde tagalla etmeklik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ykdysady, syýasy – aňyýet ýaly görnüşleriniň döremegine getirýär.

Taryhy osüşde adamlar özleriniň hakyky adyna mahsus sypatlaryny döretmek we saklamak üçin birek-

birek bilen aragatnaşykda bolmalydygy dogrusyndaky hakykaty özleşdirýärler. Adam özüne meňzeş beýleki adamlara seredip, olar bilen dürli gatnaşyklarda bolup, özüne adam hökmünde gatnaşykda bolýar.

Adamlaryň biri-biri bilen aragatnaşygy degişli toparlarda amala aşyrylýar. Toparlar göze görünýän, daşky we içki taýdan guralan hem-de göze görünmeýän., adamyň özüni aňlaýan ýa-da aňlamaýan häsiýetde belli bir durmuş toparynyh - agzasy hökmünde göz öňüne getirmegi, onuň kadalaryna eýermekligi häsiýetde bolýar. Dürli sebäplere görä jemgyýetden üzňe düşen adamlar ýaşalmaýan adalarda özlerini sosial toparyň hakyky agzasy ýaly özüni alyp barşyny şol öňki toparynyň, döwletiniň, medeniýetiniň kadalaryna laýyklaýar. Adamyň özüni alyp barşynda we işinde onuň toparlara goşulmaklygy bilen döreýän psihologiýay üýtgeşmeden hem-de toparyh psihologiýanamasyny derňeýän ylym jemgyýetçilik sosial psihologiýanamadyr. Her kes öz gündelik synlamalarynda käbir adamlaryň ýekelikde ýygra, özüne ynamsyz häsiýetiniň ol topara goşulanda dogumly, ugur tapyj'y, aragatnaşyga meýilli adama öwrülýandigine göz ýetirýär. Tersine, toparda aýak uçdaky orunlarda hereket edýäniň ýekelikde örän işjeň, öndürijilikli işgär häsiýetde bolýanlygy seýrek däldir.

Toparlar hakyky we şertli görnüşlere bölünýär. Belli bir giňişlikde we wagt kesiminde bir-birleri bilen özara gatnaşykda bolýan adamlar toplumy hakyky topardyr. Zähmet, okuw, sport, harby toparlar hakyky topara degişlidir. Haýsydyr bir şertli sypat esasynda bir bütewilige birleşdirilýän adamlar birleşmesine şertli topar diýilýär. Hasabatda ýüze çykarylýan ýürek—gan damar keselliler, test synagynda belli bir akyl - psihologiýa derejesini ýüze çykaran okuwçylar we beýlekiler şertli toparlaryň mysalydyr.

**Toparda şahsyýetara gatnaşyklary.** Adamlar bir-birleri bilen şahsyýetara, aýratyn toparyň wekilleri, düzüjileri hökmünde bolsa toparara gatnaşykda bolýarlar. Şahsyýetara gatnaşykda birek-birege empatiýa - özüňi beýlekiniň emosional-duýgy yagdaýyna goýmak, identifikasiýa - özüňi oňa birleşdirmek, ýagny özüňi garşydaşyň diňe bir duýgy ýagdaýyna goýup görmek bilen çäklenmän, eýsem onuň pikirine, maksadyna laýyk iş-hereket etmek ýaly bir-birine düşünişmek usullary bardyr. Toparara gatnaşyklar derejesinde adamlaryň bir-biriniň ýagdaýyna aralaşmagy emosional-duýgy derejede däl-de, durmuşy resmi kada-talaplara tabynlykda bolmalydyr. Onuň kadalaşdyryş usuly stereotipler - ýagny topar ýa-da onuň jemgyýetçilik sosial durmuşy dogrusynda gysgaldylan, jemleýji pikir ýöretmekdir. Şahsyýetara gatnaşykda stereotipi, toparara gatnaşyklarynda bolsa empatiýany ulanmak çaprazlyk bolup, ol psihologik dartgynlygyň döremegine sebäp bolýar.

Şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologiýay hereket düzüjisi aragatnaşykdyr. Aragatnaşyk şahsyýetleriň arasynda maglumat alyşmak, özara hereket alyşmak hem-de birek-biregi kabul etmek we düşünişmek görnüşlerde bolýar.

Aragatnaşygyň psihologiýay derejesinde taraplaryň bir-birlerini sulhy almagy, käbirine biperwaý-bitarap, üçünjisine sowugrak gatnaşykda bolmaklyk ýaly täsirler döreýär. Toparda köplere ýaraýan, adamlaryň ýüregini awlaýanlar öňe saýlanyp, olara liderler diýilýär. 40-njy ýyllarda meşhur psiholog K.Lewin liderçiligiň demokratik, awtokratik we liberal - goşulmaýan görnüşlerini tejribede esaslandyrýar.

**Demokratik lider** bu toparyň işini öňünden onuň ähli agzalaryna sala salmak esasynda meýilnamalaşdyrýar, işiň gidişine ähtibar gözegçilik edip, onuň aralyk we ahyrky netijelerine baha berşi maslahat beriji häsiýetde bolýar. Bahalandyryşda işiň netijeliligi

we işgäriň oňa yhlaslylygy göz öňünde tutulýar. Topar agzalary tejribeden soňra geçirilen sorag - jogapda ýene-de şeýle lider bilen işleşmäge döwtalapdygyny aýdýarlar.

**Awtokratik ýa-da awtoritar usully** lider işi öňünden meýilnamalaşdyrman, ony işiň gidişinde döredýär. Yumuş buýruş äheňi azmly, talap ediji, işe esasan göze görünýän netijesi boýunça baha berlip, oňa siňdirilen erk-yhlas, azap nazara alynmaýar. Owen adamsyny aňrybaş manabatlandyryp, onuň sähelçe gyşarnygyny aňsa ony edil şonuň ýaly—da ýazgarýar. Toparyň iş öndürijiligi bu usulda ýokardaky demokratik usuldan onçakly pes bolmasa-da, bu liderden adamlaryň nägileligi örän ýokary bolýar.

**Liberal ýa-da goşulmaýan** usulda işleýän lideriň iş tutuşy işi özakymyna göýbermek, diňe topar agzalaryny zerur iş serişdeleri bilen üpjün etmek häsiýetde bolýar. Iş tutumynda özakymlaýyn birnäçe gysga wagtlaýyn we işiň belli bir döwürlerine laýyk bölekleýin liderler döreýär. Toparyň iş öndürijiligi we jebislüigi pes bolýar.

Aragatnaşykda şahsyýetara gatnaşyklaryň gidişinde birleşdiriji - **konýunktiw** we aýrylyşdyryjy - dizýunktiw duýgular döräp, olaryň birinjisinde taraplaryň bir-birine ýaramlylygy, işi bilelekde etmeklige meýli döräp, ol topary jebisleşdirýär. **Dizýunktiw duýgular** bolsa, tersine, adamlary bir-birinden sowaşdyrýan, bilelikde işlemekden çetleşdirýän, ahyr netijede bolsa toparda agzalalyk esasynda onuň jebisliligini peseldýän täsirdäki duýgular bolýar. Toparda aragatnaşygy we şahsyýetara gatnaşyklarynyň psihologiýasyny öwrenmek we kesgitlemek ýörite mesele hökmünde ýüze çykýar. Bu maksat üçin J.Morenonyň döreden sosiometriýa (sosiýa - jemgyýet, metrio - ölçemek) usuly ulanylyp, onuň netijesinde şahsyýetiň toparyň şahsýyetara gatnaşyklaryndaky at-abraýy kesgitlenýär.

## 10-njy bap. TERBIÝELEMEGIŇ DÜÝP ESASY WE KANUNALAÝYKLYKLARY

Her bir halk terbiýeçilik işinde özboluşly usullardan we serişdelerden ýerlikli peýdalanýarlar. Usul-bilelikde alnyp barylýan işde terbiýeçi bien terbiýelenýäniň özboluşly gatnaşygy bolup durýar. Mugallym okuw-terbiýeçilik işine gönüden-göni ýolbaşçylyk edýär, ony guraýar, okuwçylary işewürleşdirýär. Haýsy-da bolsa terbiýeçilik usuly saýlanylyp alnanda kemala gelýän şahsyýetiň hemme taraplaýyn ösüşi göz öňünde tutulmalydyr. Şeýlelikde, ol okuwçylaryň akylyna, işine, özüni alyp barşyna, gyzyklasnmalaryna täsir etmelidir.

**Terbiýäniň serişdeleri:** 1. Dürli görnüşli milli oýunlar. 2. Halk döredijiliginiň eserleri. 3. Klassik (nusgawy) edebiýat. 4. Milli aýdym-saz. 5. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri.

II. Terbiýäniň usullaryny Ş. Haljanowyň toparlara bölüşi: 1. Görüm-görelde usuly. 2. Ynam etmek. 3. Maslahat bermek. 4. Düşündirmek. 5. Wagyz-nesihat. 6. Söhbetdeşlik. 7. Çekişme guramak. 8. Ynandyrmak. 9. Höweslendirmek. 10. Temmi bermek.

**Beýleki edebiýatlarda:** 1. Şahsyýetiň akylyna täsir edýän usullar (söhbetdeşlik, - gürrüň,- çekişme,- maslahat, -umumy okuw). 2. Jemgyýetde özüňi alyp barmaga täsir edýän usullar (pedagogik talaplar, terbiýeçilk ähmiýeti bolan ýagdaýlary döretmek,gönükmeler, türgenleşik, öz-özüňi dolandyrmak, tabşyryk bermek,jemgyýetçilik pikirini döretmek). 3. Özüňi alyp baryşy kadalaşdyryjy usullar (sylaglamak, ýatyşlary guramak, öwmek, makullamak).

**Terbiýäniň usullarynyň toparlara bölünişi.** Täsir etmek we ynandyrmak usullary (söhbet, umiimy okuwlar, çekişmeler, mowzuklar, maslahatlar - konferensiýalar); amaly isi guramasvň usullary (saýlaw, meyilnamalaşdyrma, meýil döretme -motiwasiýa,

görkezme-ugrukma bermek, gönükme, hasabat bermek); höweslendirme usullary (talaplar, bahalandyryş, gözegçilik, sylaglamak ýa-da çäre görmek, ýaryş); derňew we anyklaýys usullary (syn etme, sowal jogap alyşmak-interwýu, testler, anketa, emin-ekspert bahalandyrylyşy, tejribe, seljerme). Adatça terbiýe usullary toplumlayyn häsiýetde bolup, hemişe üýtgeýji mazmuna eýe bolýan anyk okuw ýagdaýlarynda (situasiýalarynda) ulanylýar. Dürli usullaryň utgaşdyrylmagy okuw ýagdaýynda göz öňünde tutulan netijäni çalt we ýokary hilde gazanmaga mümkinçilik berýär. Islendik usul öz gezeginde usul tärlerine, ýagny kemalyýet tutumynyň ýönekeý ýagdaýlaryna (düşündiriş, öwgi, sowal, jogap, görkezme) bölünýär. Terbiýäniň we okadylvsvň guralyş görnüşleri hem bilim berşiň maksadyny, düzgünlerini we mazmunyny nazarda tutmak bilen saýlanylýar (o\uw tutumy, maşgala terbiýesi, sapakdan daşary iş). Soňky döwürlerde YOM-niň dürli amaly hünärmen ugurlarynda okuw-terbiýeçilik işine psihoiogiýay (psihologik) şertleri goşmaklyga uly ähmiýet berilýär. Amalyýetçi hünärmenier bilen işleýän psihotehnologlar: didaktikanyň, psihologiýanamanyň we adamyň fiziologiýasynyň ylmy esaslaryna daýanmalydyr; talyplarda okamaklyga, akyl taýdan ösmeklige zerur ýagdaýlary, olarda keýpliligi we işjeňligi döretmeklige psihologiýay taýýarlygyň kemala getirilmegine ýardam etmelidir; okuw işjeňligine täsir edýän şahsyýetiň özboluşly-psihologiýay aýratynlyklaryny ösdürýän usullary, tärleri we serişdeleri ulanmalydyr; geljekki hünärmeniň ünsüni, ýadyny, hyýalyny, seljermesini, işewür aragatnaşyga ukybyny ösdürmekligi göz öňünde tutmalydyr.

Okuwçylary öwrenmegiň usullary: 1. Gözegçilk. 2. Söhbetdeşlik. 3. Soragnama (anketa). 4. Test. 5. Sossiommetriýa.

Öz-özüni terbiýelemek: 1. Öz-özüni dernemek.2. Öz-özüne borç almak. 3.Öz-özüni barlamak. 4. Öz-özüne hasabat bermek. Esasy zat adam özüne erk etmelidir we ahlak sypatlaryny kämilleşdirmelidir.

Täzeden terbiýelemek: 1. Düzgün bozmalaryň sebäbini, motiwini takyk anyklamaly. 2. Düzetmegiň ýollaryny, serişdelerini aýdyňlaşdyrmaly. 3.Yörite talaplar bildirmeli. 4. Dürli usullardan ýerlikli peýdalanmany başarmaly.

## 11-nji bap. TERBIÝEÇILIK IŞINIŇ DÜZGÜNLERINIŇ WE UGURLARYNYŇ PEDAGOGIK WE PSIHOLOGIK ESASLARY

Şahsiýetara gatnaşyklaryň psihologik hereket düzijisi aragatnaşykdyr. Aragatnaşyk şahsyýetleriň arasynda maglumat alyşmak, özara hereket alyşmak hem-de birek-biregi kabul etmek we düşünişmek hökmünde görnüşlerde bolýar.

Aragatnaşygyň psihologik derejesinde toparlaryň bir – birlerini sulhy almaga, käbirine biperwaý - bitarap,ünjisine sowugrak gatnaşykda bolmaklyk ýaly täsirler döeýär. Toparda köplere ýaraýan adamlaryň ýüregini awlaýanlary öňe saýlanyp, olara liderler diýilýär. 40 – nji ýyllarda meşhur psiholog K. Lewin liderçiligiň demokratik, awtokratik we liberal goşulmaýan görnüşlerini tejribede esaslandyrýar. Demokratik lider bu toparyň işini gidişine ähtibar gözegçilik edip, onuň aralyk we ahyrky netijelerine baha berişi maslahat häsiýetde bolýar. Bahalandyryşda işiň netijeligi we işgäriň oňa yhlaslylygy göz öňüne tutulýar. Topar agzalary tejribeden soňra geçirilen sorag – jogapda ýene-de şeýle lider bilen işleşmäge dowamlanandygyny aňladýarlar.

Awtokratik ýa-da awtoritar usully lider işi öňünden meýilnamalaşdyrlan, ony işiň gidişinde döredýär. Ýumuş buýruş äheňi azmly talap ediji işe esaslap göze görünýän netijesi baýunça baha bermegi, oňa siňdirlen erk yhlas nazara alynmaýar. Öwen adamsyny aňrybaş manabatlandyryp onuň sähelçe gyşarnygyny aňsa ony edil şonuň ýaly-da ýazgarýar. Toparyň iş öndürijiligi bu usulda ýokardaky demokratik usuldan onçakly pes bolmasa-da bu liderden adamlaryň nägilliligi örän ýokary bolýar.

Liberal ýa-da goşulmaýan usulda işleýn lideriň iş tutumy işi özakymyny göýbermek, diňe topar agzalygyna zerur iş serişdeleri bilen bir döwürlerne laýyk bölekleýin liderler döreýär. Toparyň işi öndürijiligi we jebisliligi pes bolýar.

Aragatnaşykda şahsyýetara gatnaşyklaryň gidişinde birleşdiriji – konýunktiw we aýrylaşdyryjy – dizýunktiw duýgular döräp, laryň biriniň taraplarynyň bir – birine ýaranlylygy, işi bilelekde etmeklige meýil döräp, ol topary jebisleşdirýär. Dizýunktiw duýgular bolsa, tersine, adamlary bir-birnden sowaşdyrýan, bilelikde işlemekden çetleşdirýän, ahyr netijede bolsa toparda agzalalyk esasynda onuň jebisliligini peseltýän täsirdäki duýgular bolýar.Toparda aragatnaşygy we şahsyýetara gatnaşyklaynyň psihologiýasyny öwrenmek we kesgitlemek ýörite mesele hökmünde ýüze çykýar. Bu maksat üçin J.Morenonyň döreden sosiometriýa (sosiýa – jemgiýet, metrio – ölçemek) usuly yllanylyp onuň netijesinde şahsyýetiň toparyň şahsýyetara gatnaşyklaryndaky at - abraýy kesgitleýär.

Psihologik sygyşmazlgyň, dartgynlylygyň döremegi üçin toparda meseleleri ara alyp maslahatlaşylmagynyň aç-açanlygy agzalaryň işlerine baha bermekde gazanylan netije bilen bir hatarda oňa sarp edilen erk – yhlaslylyk, hoşniýetlilik, göwünjeňlik ýaly hususy psihologik şertleriň nasarda tutulmagy toparlaýyn

dýnç almak, ýowar we beýleki onuň jebisliligini ýokarlandyrlan çäreler üznüksiz guralmasydyr.

## 12-nji bap. TERBIÝE IŞINE ŞAHSYÝET NUKDAÝYNDAN ÇEMELEŞME

Ýaşaýşyň baýlaşmagy we giňelmegi töweregindäki adamlar bilen aragatnaşygyň ösmegi ýetginjegiň mekdepde okuw bilen meşgullanyşy peselip biler. Orta mekdeplerde ýetginjekler okuwa dürli parametrleri bilen tapawutlanýarlar.

1. Okuwa garaýyşlary boýunça – örän jogapkärçilikden parhsyzlyga çenli.
2. Umumy ösüşinde – dürli ugurlaryndan harby ýokary derejeden dar gözýetime çenli.
3. Okuw maglumatlary özleşdiriş usullary boýunça – özbaşdak okap, pikirlenip, netije çykaryp bilijiliginden ýat tutýana çenli.
4. Gyzyklanmalarynda – belli bir ugurlardan hiç zat bilen gyzyklanmaýana çenli.

Okuw işindäki kemçilikleriň, daşky ýüze çykyşlary dürli bolup biler. Eger-de olar wagtynda ýok edilmese, öwrülişiksiz prosese getirer. Täze çylşyrymlaşýan maglumatlary özbaşdak özleşdirip bilmedik bolýar. Dürli mugallymlaryň okatmaklygy okuwçylarda olara dürli garaýyşlar döreýär. Mugallym üçin kyn zat – okuwçylar bilen gatnaşyklaryny gurap bilmekdir. Maglumatlary gyzykly we düşünikli düşündirýän, okuwçylaryň synp işini gurap bilýän, talap ediji häsiýetli we medeniýetli mugallymy okuwçylar hormatlaýar. 6-8-nji synplarda gözýetimi giň maglumaty çuň bilýän mugallym populýar dersleri “gyzykly” we “tukat” diýip bölenlerinde, köplenç, mugallymyň şahsyýetine esaslanýarlar. Synpda ukyply,

emma sapakda erbet işleýän ýetginjekler hem bolup, olarda intellektual işde pikirlenmäge meýillik ýokdur. Olarda şahsyýetiň gymmatly hilleri okuw maglumatlaryny özleşdirmekde däl-de, mekdep meýilnamalaryndan çykyp, özbaşdak işlerde bolýar. Şahsyýetiň ösüşi üçin optimal şert, haçan-da bilim almaklyk ýetginjege häzir we geljek üçin subýektiw zerur we möhüm bolanda ýüze çykýar. Okuw täze äheňleri (motiwleri) durmuş perspektiwalary, hünäre ymtylmalary we öz aňynyň ösmegi bilen ýüze çykýar. Özünden razy bolmazlygy we ýüregine düwenine ýetmäge ymtylmagy ýetginjegiň bilijilik işjeňliginiň çeşmelerine öwrülýär.

Eger-de ýetginjekde okuwdan daşary gyzyklanmalary we gymmatlyklary bar bolsa, onuň üçin mekdepde okamaklyk formal işe öwrülýär.

5-8-nji synplardaky okuw maglumatlary ösen derejedäki okuwda bilijilik we akyl işini talap edýär. Okuwçylar ylmy düşünjeler ulgamyny matematikada, fizikada, himiýada bar bolan bellikler ulgamyny özleşdirmelidir we nazary pikirlenmegi öwrenmelidir.

Ýetginjekde umumy esaslara pikirlenmek ukyby ýüze çykýar. Ýetginjegiň intellektiniň ösüşinde ilki pikirde çaklamalar düzüp, ony barlamak arkaly işlemek endikleri döreýär. Ol meseläni derňäp, ondaky berlenleri dürli arabaglanyşykda seredýär. Nazary pikirlenmek derejesinde ýetginjek öz intellektual operasiýalaryna aň ýetirýär we ony dolandyrýar.

Bu hil beýleki psihiki funksiýalara hem degişlidir. Sözleýiş hem barlanýan we dolandyrylýan bolýar. Fizika, matematika dersleri subut etmelerde logiki apparaty ulanyp, pikirlenmegiň logiki usullaryny kemala getirýär. Ýetginjek uzak dowamly logiki abstrakt maglumatda ünsüni saklap bilýär. Kabul edip, akyl ýetirip bilýär – ol çyzgylary, suratlary pikirlenip kabul edýär.

Islendik maglumat bilen işlenilende ondaky esaslary, düýpli sebäp-netije baglanyşyklary tapmagy

öwrenmelidir. Nazary bilimleri doly däl özleşdirilendigini görkezýän ýagdaý – ýetginjegiň mesele işläp bilmezligidir. Olar anyk mysallarda, obýektlerde, hadysalarda kesgitli kanuny, düzgüni, kesgitlemäni görmeýär. Ýetginjeklik döwründe ýat pikirlenmek bilen utgaşýar. Oňat pikirlenmekde maglumat ýatda galýar we oňa degişli bilimler bu döwürde pikir döredýär.

Şahsyýetiň psihologiýasy dogrusyndaky çykan ilkinji jemleýji işleriň biri bolan A.G.Kowalýowyň monografiýasynda şahsyyetiň üç tarapy tapawutlandyrylýar: psihiki prosesler, psihiki ýagdaýlar we psihiki häsiýetler. B.G.Ananýew şahsyýete integratiw çemeleşiş pikirini esaslandyryp, onda göz öňünde tutulmaly häsiýet, sypatlaryň sany has artýar.[2] Şahsyýetiň gurluşynda dürli bölümçeleri ýüze çykarýan K.K.Platonowyň taglymatyň soňky nusgasynda şeýle bölümçeleriň sany dört bolup , olar şol bir wagtyň özünde şahsyýetiň derejeleri bolup duryar: I) biologik döredilen bölümçe /muňa temperament, jyns, ýaş, kähalatda paýhasyň patologik sypatlary girýär; 2)özüne şahsyyetiň sypatyna öwrülen aýry-aýry psihiki tutumlaryň indiwidual aýratynlygyny birleşdirýän paýhasy bölümçe /ýadyň, emosiýalaryň, pikirlenmäniň, duýmalaryň, kabul edişiň, duýgynyň we erkiň aýratynlygy; 3) sosial tejribäniň bölümçesi /muňa adamyň gazanan bilimleri, endikleri, başarnyklary we öwrendikleri goşulýar; 4) şahsyýetiň gönükdirilmesi bölümçesi /munuň içinde özara aýratyn tabynlykda bolýan birnäçe bölümçeler bar: meýil, göwün ýüwürtme höwes, ymtylmalar, nusga-ideallar, dünýäniň indiwidual keşbi we gönükdirilmäniň iň ýokary derejesi-ynançlar[3]. K.K.Platonowyň pikiriçe bu bölümçeler sosial we biologik mazmunyň “udel agramy” boýunça tapawutlanýar. Şahsyýetara gatnaşyklar adamlaryň sygyşmaklygynda ýüze çykýar. Sygyşmaklygy-adamlaryň aragatnaşygynda olaryň häsiýetleriniň amatly

sazlaşygy bolup, ol işiň bilelikde üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam edýär. Sygyşmaklygyň üç görnüşi bolup, olar: fiziki, psihologik we sosial psihologik sygyşmaklykdyr.

1.Fiziki sygyşmaklyk-bile işleýän iki ýa-da birnäçe adamlaryň fiziki sypatlarynyň gormoniki sazlaşygynda (güýçleriniň we çydamlylygyň sazlaşygynda) ýüze çykýar. Meselem: kürekli gämileriň kürekçileri düzülende fiziki görkezijileri deň bolan türgenler saýlanyp alynýar.

1. Psihofiziki sygyşmaklygyň esasynda analizator ulgamlarynyň aýratynlyklary, şeýle hem temperamentiň häsileri ýatýar. Sygyşmaklygyň bu görnüşinde adamlaryň bilelikdäki hereketleriniň dowamynda olaryň özara gatnaşyklarynda ýa-da beýleki analizator ulgamynyň çäklerinde duýgurlyk aýgytlaýjy bolýar. Bu babatda “Kör we ker” hekaýadaky ýagdaýy mysal getirmek bolar. Hekaýanyň iki gahrymanynyň nohut ekinine çozuşy netijesiz gutarýar. Sebäbi olaryň biri eşitmeýär, beýlekisi görmeýär. Şonuň üçin hem olaryň signallary biri-birine barmaýar. Olar fiziologik taýdan sygyşmaýar.

Barlaglaryň görkezişi ýaly, temperamentleri “oýarmak” belli bir düzgünler boýunça amala aşyrylýar. Aragatnaşyk wagtynda iki sany deň bolmadyk temperamentiň (göçgünli adam bilen perwaýsyz adamyň) gowy sazlaşýanlygy we birmeňzeş temperamentli iki adamyň (iki sany göçgünli adamyň) oňuşmaýanlygy subut edildi. Ikinji tarapdan işe gatnaşýan adamlaryň hemmesiniň nerw ulgamynyň galjaň bolmagyny talap edýän işde garşylykly temperamentler oňuşmaýarlar. Sebäbi işiň birmeňzeş depginini üpjün edip bilmeýärler.

2.Sosial psihologik sygyşmaklyk. Adamlaryň sosial rollary üstünlikli ýerine ýetirmegine ýardam edýän şahsy aýratynlyklary bolan adamlaryň özara gatnaşgyny göz öňünde tutýar. Şeýle ýagdaýda häsiýetleriň, ukyplaryň meňzeş bolmagy hökman däl, ýöne olaryň sazlaşykly

bolmagy hökmandyr. Durmuş tejribesinden görnüşi ýaly häsiýetlriň biri-biriniň üstüni dolduryan adamlarda: ulumsy, töwekgel adamlar bilen asuda, paýhasly, äwmezek adamlaryň arasynda gatnaşyk tiz we berk bolýar. Bir adam bilimleri özleşdirmäge, başga biri bolsa hereket bilen baglanyşykly endikleri öwrenmäge ukyply bolýar, bu aýdylanlar islendik ýagdaýda diňe garşylykly häsiýeti bolan, ukyplary we beýleki aýratynlyklary gabat gelmeýän adamlar oňşukly bolýarlar diýmegi aňlatmaýar. Sygyşmaklyk temperamentleriň meňzeş adamlarda-da bolup biler. Ýöne şeýle ýagdaýda umumylygyň dargamak ähtimallygy uludyr.

Şahsyýetara gatnaşyklarynda konfliktler döräp bilerler. Konflikt munuň özi sosial we şahsy durmuşyň haýsydyr bir meselesini çözmek bilen baglanyşykly adamlaryň arasynda döreýän gapma-garşylykdyr. Konfliktiň ýüze çykmagynyň köp sanly sebäpleriniň arasynda fiziki, psiho-fiziologik we sosial psihologik babatlardaky sygyşmazlyklar belli bir orun tutýarlar. Şahsyýetara gatnaşyklardaky agzalalyklar hemişe konfliktlere getirmeýär: olaryň köpüsi parahatçylyk ýoly bilen çözülýär. Käbiri bolsa garşylykly göreş döredip, şonda çözülýär. Gapma-garşylyklar eýýam kemala gelen we netijeli işe gönükdirilen toparlarda gysga wagtlaýyn toparlara garanyňda seýrek ýüze çykýar. Munuň özi uzak wagt dowam edýän umumylyklarda işden çykyp gitmeleri we özara düşünişmeleriň täsiri bilen sygyşmaklygyň ýokary derejesiniň gazanylýanlygy, şeýle derejede gapma-garşylyklar konfliktler arkaly çözülmeýänligi bilen baglydyr. Ýaňy dörän we ösüş ýagdaýynda duran toparlarda gapma-garşylyklar köplenç konfliktler bilen tamamlanýar. Onuň şeýle bolmagynyň sebäbi hökmünde psiho-fiziologik we sosial psihologik sygyşmazlyklar çykyş edip bilerler.

# E D E B I Ý A T

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. TDNG. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýaty gullugy. 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýaty gullugy. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, TDNG, 2007
6. Gurbanguly Berdimuhammedow. Ösűşiň täz belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1t.- Aşgabat: Tűrkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw műdirligi, Tűrkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy, 2008.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
10. Ata arzuwyny amala aşyran Agtyk. A., TDNG, 2009.
11. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiñ gahrymançylykly ömür ýoly. A. TDNG, 2010.

12. Haljanow Ş. Garaşsyzlygyň pedaggogikasy. A.” Ruh”, 1995.
13. Haljanow Ş. Pedagogika boýunça leksiýalar. A. Magaryf. 1974.
14. Basarow B. Paýhasnama we kemalyýet. A. 2004.
15. Basarow B. Psihologiýa we pedagogika. 2009.
16. Gurbanow A.A. Kuzmin O.D. Haljanow Ş. Rejepow J. Okatmak Teoriýasynyñ aktual meseleleri. A. Magaryf.1979.
17. Gurbanow A.A. Kuzmin O.D. Haljanow Ş. Pedagogikanyň taryhy boýunça gysgaça kurs. A. Magaryf. 1981.
18. Pirliýew G. Mekdepde terbiýeçilik işiniň esasy meseleleri. A.Magaryf.1990.
19. Pirliýew G. Etnopedagogika we häzirki zaman terbiýesi. A.Magaryf.1995.
20. Garajaýew G. Dowamatym –döwletim. A. 1998.
21. Garajaýew G. Prezidentiň belent pedagogikasy. A.1997.
22. Pirliýew G. Gurbanyýazow. Mekdep okuwçylaryň kompleksleýin terbiýelemek boyunça käbir meseleleri.A. Magaryf. 1984.
23. .Balakaýew D. Mugallymyň mertebesi. A. Magaryf. 1983.
24. Balakaýew D. Terbiýe hakda söz. A. Magaryf. 1988.
25. .Basarow B. we beý. Umumy psihologiýa. Ç. 1993.
26. Божевич Л .И. Формирование личности в детском возрасте. М, 1998
27. Амонашвили Ш.А. Обучение. Оценка. Оценивать. М. 1980.
28. Возрастная педагогическая психология. М. 1992.

## M A Z M U N Y

Giriş........................................................................ 7
1-nji bap: Pedagogik psihologiýanyñ dersi we wezipeleri....................................................................... 8
2-nji bap: Pedagogik psihologiýanyñ ösüşiniñ we kemala gelşiniñ taryhy hakynda. Pedagogik psihologiýanyñ derñew usullary............................................................. 14
3-nji bap: Pedagogik psihologiýanyñ ulanýan derñew meseleleri.................................................................... 19
4-nji bap: Pedagogik psihologiyada şahsyýetiñ ösüşi we kemala gelişi.............................................................. 25
5-nji bap: Pedagogik iş barada umumy düşünje........... 30
6-njy bap: Okuw tutumynyñ esasy we onuñ kanunalaýyklyklary........................................................ 44
7-nji bap: Okuw tutumyny ösdürmäge degişli psihologik taglymatlar...................................................................... 50
8-nji bap: Okatmagyñ güýçlendirme we işjeñlik, özbaşdaklyk, döredijilik pikirlenmesini kemala getirmek..................................................... ....... ......... 56
9-njy bap: Okuw özbaşdaklygynyñ ösüşi we ukyplaryñ kemala gelmegi............................................................ 73
10-njy bap: Terbiýelemegiñ düýp esasy we kanunalaýyklyklary........................................................ 78
11-nji bap: Terbiýeçilik işiniñ düzgünleriniñ we ugurlarnyñ pedagogik we psihologik esaslary .............80
12-nji bap: Terbiýe işine şahsyýet nukdaýyndan çemeleşme.......................................................................... 82
Edebiýat .........................................................................87